# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – ÝURDUMYZYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY ULGAMYNY YZYGIDERLI ÖSDÜRMEK BIZIŇ BAŞ MAKSATLARYMYZYŇ BIRIDIR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
21-nji awgust, 2026. Belgisi 34/1704




# ÝURDUMYZYŇ ŞYPAHANA ULGAMY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR

**19-njy awgustda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň çäginde ýerleşýän «Arçman» şypahanasyna geldi. Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu ýerde goşmaça täze bejeriş merkeziniň binalar toplumyny gurmak hem-de käbir binalary has-da döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işler bilen tanyşdy. Şypahanada ýaýbaňlandyrylan gurluşyk we döwrebaplaşdyryş işleri tamamlaýjy tapgyrda dowam edýär.**

Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistan – melhemler mekany» atly kitabynda ýerli tebigy çeşmeleriň örän baý bejeriş mümkinçilikleriniň esasynda şypahana ulgamyny ösdürmek we ýurdumyzyň halkara derejeli şypahana merkezi hökmündäki ägirt uly kuwwaty beýan edilýär. Türkmen topragy bejeriş häsiýetli mineral çeşmelere baýdyr. Olaryň ählisi halkymyzyň hyzmatyna gönükdirilýär.

Döwlet Baştutanymyz ir bilen türkmen tebigatynyň gözel künjeginde ýerleşýän «Arçman» şypahanasyna geldi.

Halkymyzyň saglygy baradaky alada hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda alnyp barylýan durmuş ugurly döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyzda ilatyň saglygyny goramak we berkitmek, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmek häzirki döwrüň möhüm wezipeleriniň hatarynda kesgitlenildi. Şunda şypahana düzümlerine möhüm ornuň degişlidigini bellemeli.

Bu ýerde saglygy goraýyş we derman senagaty ministri M.Gaýypow hormatly Prezidentimiziň ozal beren tabşyryklaryndan we lukman Arkadagymyzyň öwüt-ündewlerinden ugur alnyp, şypahanada täze gurulýan binalar toplumynyň we has-da döwrebaplaşdyrylýan binalaryň häzirki ýagdaýyna, olaryň üpjünçilik hem-de enjamlaşdyrylyş derejesine degişli taslamalar, ugurdaş desgalaryň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary barada hasabat berdi.

Görkezilýän taslamalaryň hatarynda 400 orunlyk täze şypahana binasynyň, düýpli döwrebaplaşdyrylýan «A» hem-de «B» binalarynyň, naharhananyň, fitobaryň we çaýhananyň, 300 orunlyk mejlisler zalynyň, mineral suw içilýän binanyň, çagalar üçin oýun otaglarynyň, dürli maşklary ýerine ýetirmäge niýetlenen türgenleşik zalynyň, şypaly suw bilen bejeriş binasynyň, dört gatly awtoulag duralgasynyň şekilleri bar.

Hormatly Prezidentimiz bu ýerde görkezilýän taslamalar we binanyň ýerleşjek ýerleriniň çyzgylary hem-de toplumyň otaglarynda döredilýän mümkinçilikler bilen içgin gyzyklanyp, olara birnäçe belliklerini aýtdy we degişli düzedişleri girizdi. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde tamamlaýjy tapgyrda ýaýbaňlandyrylan işleriň üstünlikli ýerine ýetirilmeginiň, meýilleşdirilen gurluşyklaryň bellenilen möhletlerde we ýokary hilli berjaý edilmeginiň häzirki döwrüň möhüm wezipesidigini belläp, bu işleriň ýokary depginde alnyp barylmagyny yzygiderli gözegçilikde saklamak babatda anyk tabşyryklary berdi. Şol bir wagtyň özünde, Garaşsyzlygymyzyň şanly 35 ýyllyk toýunyň toýlanylýan ýylynda Saglygy goraýyş we derman senagaty işgärleriniň gününde binalar toplumynyň açylyş dabarasyna ýokary derejede taýýarlyk görmek we ony guramaçylykly geçirmek meseleleri üns merkezinde saklanmalydyr.

Arkadagly Gahryman Serdarymyz, beýleki ugurlarda bolşy ýaly, saglygy goraýyş ulgamyna degişli binalaryň taslamalary taýýarlanylanda ýerli tebigy aýratynlyklaryň göz öňünde tutulmalydygyny belledi. Şunda şypahananyň ähli çäkleriniň abadanlaşdyrylmagy, bu ýerde ýokary ekologiýa ýagdaýynyň üpjün edilmegi möhüm talap hökmünde kesgitlenendir.

Hormatly Prezidentimiz «Arçman» şypahanasynyň bejeriş mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak, şypahananyň melhem suwly çeşmesiniň suw gorlaryny mundan beýläk hem ylmy esasda öwrenmek we bu ýerde işleýän lukmanlaryň hünär derejesini yzygiderli kämilleşdirmek babatda birnäçe tabşyryklary berdi. Şol bir wagtyň özünde, bejeriş ulgamyna sanly tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagyna möhüm ähmiýet berilmelidir.

Soňra hormatly Prezidentimiz gurluşygy tamamlaýjy tapgyrda alnyp barylýan 400 orunlyk şypahana binasynyň otaglary, olaryň enjamlaşdyrylyş derejesi we ýatymlaýyn otaglaryň mümkinçilikleri bilen tanyşdy.

Binanyň anyklaýyş otaglarynyň hemmesi häzirki zaman talaplaryna we ýokary halkara görkezijilere laýyk derejede enjamlaşdyrylypdyr. Bu ýerde lukmanlaryň netijeli işlemegi, şeýle hem saglygyny berkidýän raýatlar üçin hem ähli amatlyklar döredilýär. Bölümlerde ornaşdyrylan enjamlaryň dünýäniň öňdebaryjy önüm öndürijileriniň enjamlarydygyny we olaryň sebitde iň täzeleridigini bellemek gerek.

Döwlet Baştutanymyz otaglaryň ýokary derejede enjamlaşdyrylmagynyň, olarda ilata hödürlenýän hyzmatlaryň hiline zerur üns bermegiň wajypdygyny belledi. Munuň özi ýurdumyzda ynsan saglygy baradaky aladanyň, şypahana düzümlerinde saglygy berkitmek, keselleriň öňüni almak boýunça alnyp barylýan işleriň aýratyn ähmiýetlidigininiň aýdyň beýanydyr.

Şypahana düzümine degişli täze binalary gurmak we desgalary düýpli döwrebaplaşdyrmak işlerinde milli binagärlik ýörelgeleri bilen häzirki zamanyň ösen tejribesiniň utgaşdyrylmagy wajypdyr. Şunda lukmançylyk enjamlarynyň döwrebap bolmagy, ynsan saglygyny goramakda ýokary derejeli anyklaýyş usullarynyň ulanylmagy möhümdir.

Binanyň SPA bölümine degişli otaglaryň enjamlaşdyrylyşy bilen tanşyp, Arkadagly Gahryman Serdarymyz bu bölümde mineral suwlar bilen bejeriş, gidro, gala we aromaterapiýa ýaly otaglara bardy we ilata hödürlenýän hyzmatlaryň ýokary derejesiniň üpjün edilýändigini synlady. Şeýle hem bu bölümde dürli görnüşli hammamlar bar. Döwlet Baştutanymyz bu binada degişli sanly hyzmatlaryň mümkinçilikleriniň talabalaýyk ýola goýulmalydygyny, munuň üçin otaglarda häzirki zaman ylmynyň gazananlaryndan ugur alnyp, ähli zerur şertleriň döredilmelidigini belledi. ■ 2

# KIDS EXPO: ÄHLI ZAT ÇAGALAR ÜÇIN

***19-njy awgustda paýtagtymyzda «Kids EXPO: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarka öz işine başlady. Bagtyýar çagalygyň ýurdunda – eziz Watanymyzda her täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda şeýle sergini guramak asylly däbe öwrüldi. Sergi şeýle hem çagalar we ýetginjekler üçin harytlary öndürýän, bilim-terbiýeçilik ulgamynda hyzmatlary hödürleýän ýurdumyzyň we dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalaryny bir ýere jemleýän meýdança bolup hyzmat edýär.***

Çagalar döredijilik toparlarynyň ýerine ýetiren şowhunly aýdymsazlary we tansly çykyşlary halkara sergi-ýarmarkanyň açylyş dabarasyna aýratyn öwüşgin çaýdy. «Jahan» döredijilik merkeziniň sungat gurnaklaryna gatnaýan çagalaryň çykyşlary aýratyn täsirli boldy.

Dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiziň halkara sergi-ýarmarka gatnaşyjylara iberen Gutlagyny uly üns bilen diňlediler. Döwlet Baştutanymyz Gutlagynda halkara gözden geçirilişiň ýaşlaryň ylmy we




döredijilik mümkinçiliklerini baýlaşdyrmakdaky ähmiýetini aýratyn nygtap, häzirki döwrüň bilim ulgamynyň sanly dünýäni paýhas bilen birleşdirýän çäksiz mümkinçilikler ummanyna öwürmek bilen, ýaşlaryň her birine öz geljeginiň açarynyň eýesi bolmagyna ýol açýandygyny belleýär.

Soňra ýygnananlar halkara sergi-ýarmarkanyň özüne çekiji diwarlyklary bilen tanyşdylar. Bu ýerde ýurdumyzyň we daşary döwletleriň öňdebaryjy bilim merkezleriniň, çagalar üçin mebelleri, oýnawaçlary, okuw esbaplaryny we öwrediji gollanmalary taýýarlaýan,



şeýle-de ýokumly iýmit garyndylaryny öndürýän kärhanalaryň 100-den gowragynyň diwarlyklary gurnaldy.

Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň durmuşa geçirýän ynsanperwer işlerine hem-de «Arkadag Medisina Klasteri Menejment» kärhanasynyň öndürýän saglygy goraýyş maksatly önümlerine bagyşlanan sergi diwarlyklary uly gyzyklanma döredýär. Bu kärhana çagalar üçin zerur witaminler bilen baýlaşdyrylan çaga iýmitiniň dürli görnüşini hem-de gündelik sarp edilýän lukmançylyk serişdelerini öndürýär.

Halkara sergi-ýarmarka golaýlap gelýän täze okuw ýylyna taýýarlyk görýän ata-enelere okuw esbaplaryny we lybaslaryny satyn almak üçin amatly teklipleri hödürleýär. Dokma senagaty ministrliginiň diwarlygynda dokma we tikinçilik kärhanalary tarapyndan taýýarlanan, mekdep okuwçylarynyň okuw, bedenterbiýe sapaklarynda, öý şertlerinde geýmekleri üçin lybaslaryň uly toplumy görkezilýär. Gözden geçirilişiň çäklerinde Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi tarapyndan okuwçylar üçin esbaplaryň köp görnüşleri jemlenen özboluşly mekdep bazary döredilipdir. ■ 2

# Ýylyň şygary türkmen medeniýetiniň we sungatynyň dabaralanmagy bilen utgaşýar

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň döwletli başlangyçlary bilen başy başlanyp, hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýän işler rowaçlyklara beslenýär. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň 56-njy maddasynda: «Döwlet ylmyň, medeniýetiň, sungatyň, halk döredijiliginiň, sportuň we syýahatçylygyň ösmegine ýardam edýär» diýlip beýan edilýär. Baş Kanunymyza esaslanýan «Medeniýet hakynda», «Atçylyk we atly sport hakynda», «Milli taryhy-medeni mirasyň obýektlerini goramak hakynda», «Milli maddy däl medeni mirasy gorap saklamak hakynda», «Milli taryhy-medeni mirasyň gozgalýan gymmatlyklaryny goramak, äkitmek we getirmek hakynda», «Teatr we teatr işi hakynda», «Sirk we sirk sungaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunlary asyrlardan gözbaş alýan medeniýetimizi, taryhy-medeni mirasymyzy aýap saklamagyň, dünýä ýaýmagyň hukuk binýady bolup hereket edýär. ■ 3






4

## BMG-de ýaşlar sammiti geçirildi

14-nji awgustda BMG-niň ştab-kwartirasynda dünýäniň dürli künjeklerinden gelen ýaşlaryň gatnaşmagynda emeli aň meselelerine bagyşlanan sammit geçirildi.



5

## Çaga terbiýesinde üns berilmeli jümleler

Çaga terbiýesi örän çylşyrymly we ünsli çemeleşmeli işleriň biri hasaplanýar. Körpejeleriň her biriniň häsiýetine laýyklykda gatnaşykda bolmak maşgala agzalary üçin örän wajypdyr.



6

## Bütindünýä fotosurat güni

Her ýylyň 19-njy awgustynda Bütindünýä fotosurat güni bellenilýär. Bu ýyl «Öý» temasy astynda geçirilýän bu sene mynasybetli sergiler hem-de bäsleşikler guralýar.




7

## «Premier Liganyň» 35-nji möwsümi

Dünýäniň iň gowy görülýän futbol boýunça milli ligasy bolan Angliýanyň «Premier Ligasynyň» täze möwsümi şu gijeki «Arsenal» – «Kowentri Siti» duşuşygy bilen başlanar.

## Ilkinji smartfona 30 ýyl doldy

Ýanyňda göterip bolýan aragatnaşyk enjamynyň döredilenine has köp wagt geçen hem bolsa, hemmeler üçin elýeter smartfonyň peýda bolanyna 30 ýyl doldy. 1996-njy ýylyň awgustynda Finlýandiýanyň «Nokia» kompaniýasy ilkinji smartfony satuwa çykarýar. Entek adaty el telefonlarynyň hem o diýen ýaýramadyk şol döwürlerinde köpçülige hödürlenen «Nokia 9000 Communicator» atly enjam QWERTY klawiaturaly bolup, faks we elektron poçta aýratynlyklary bilen tapawutlanýardy. Şeýle hem häzirki döwürde gündelik durmuşyň aýrylmaz bölegine öwrülen smartfo-



nyň ilkinji nusgasynda ýönekeý senenama, internet baglanyşygy hem-de ekranyndaky düwmelere basmak üçin ýörite galamy bardy. Kiçijik ýankompýuteri ýada salýan bu smartfon adatça kompýuterde edilýän işleri hem islendik ýerde etmäge mümkinçilik berýärdi. Şeýlelikde, diňe gepleşmek we hat ugratmak üçin ulanylýan enjamyň gündelik durmuşda gerek boljak başga maksatlar üçin hem ulanyljak döwri başlandy. Şondan soňra beýleki kompaniýalar hem smartfon işläp taýýarlamagyň ugruna çykdylar. Ilkinji el telefony hasaplanýan enjamy 1973-nji ýylda Martin Kuper oýlap tapýar.

## Uly elektrouçaryň ilkinji uçuşy

«Heart Aerospace» kompaniýasy tarapyndan işlenip taýýarlanýan elektrik energiýasy bilen işleýän uçar synagdan geçirildi. Agramy 11 tonna barabar bolan howa gämisi Nýu-Ýorkda geçirilen synagda 30 minut uçuryldy. Sebitleýin gatnaw üçin niýetlenen uçaryň uçuşyň dowamynda bary-ýogy 5 dollarlyk elektrik energiýasyny sarp edendigi mälim edildi. Kompaniýanyň gibrid ýangyçly uçarynyň ES-30 atly modeliniň ýangyjyň sarp edilişini 40 göterim azaltjakdygy bellenilýär.

Şwesiýanyň «Heart Aerospace» kompaniýasynyň işläp taýýarlan bu uçarynyň batareýasy häzirki wagtda uzak aralyga uçmaga mümkinçilik bermeýär. Şol sebäpli bu tehnologiýanyň gibrid uçarlarda ulanylmagy



maksat edinilýär. «Heart Aerospace» 30 ýolagçy orunlyk uçarlaryň täjirçilik maksatly önümçiligini ýola goýmagy meýilleşdirýär. Uçar elektrik energiýasy bilen 200 kilometre, gibrid usulda 800 kilometre çenli ýol geçip biler. Bu uçarlaryň 2028-nji ýylda önümçiligine başlanmagyna, 2031-nji ýylda degişli rugsatnamalaryň alynmagyna garaşylýar.

Elektrik energiýasy bilen işleýän uçarlar awiakompaniýalaryň hem ünsüni özüne çekýär. «United Airlines» «ES-30» uçaryndan 100 sanysyny satyn aljakdygyny mälim etdi. «Air Canada» we «Mesa Air Group» ýaly kompaniýalar hem bu uçara gyzyklanma bildirýärler. Kompaniýa şeýle uçary işläp taýýarlajakdygy barada 2021-nji ýylda mälim edipdi.

# ÝURDUMYZYŇ ŞYPAHANA ULGAMY DÖWREBAPLAŞDYRYLÝAR

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Bu ýerdäki sanlylaşdyrylan enjamlar boýun we bil-oňurga synalarynyň saglygyny berkitmekde ähmiýetli hasaplanylýar.

Hormatly Prezidentimiz täze bina bilen tanyşlygyň dowamynda onuň ýatymlaýyn otaglarynyň üpjünçiligi bilen gyzyklandy. Otaglarda raýatlarymyz üçin ýokary derejeli mümkinçilikleriň döredilmeginiň wajypdygyny belläp, döwlet Baştutanymyz gurluşyk işlerinde bolşy ýaly, otaglaryň enjamlaşdyrylyşyna, olarda döredilýän mümkinçiliklere, içki bezeg aýratynlyklaryna ähmiýet berilmelidigini aýtdy. Hususan-da, ýatymlaýyn otaglarda döredilýän şertler häzirki zaman talaplaryna laýyk gelmelidir. Bu ýerde saglygyny berkidýän raýatlarymyzyň wagtyny peýdaly geçirmekleri, dürli bedenterbiýe maşklaryny ýerine ýetirmekleri üçin ähli zerur mümkinçilikler üpjün edilmelidir.

Bölümiň türgenleşik zalynyň enjamlaşdyrylyşy ýokary halkara ülňülere laýyk gelýär. Onda gurnalan enjamlaryň her biri adam synalaryna oňyn täsirini ýetirýär. Sagdyn durmuş ýörelgeleriniň işjeň tarapdary lukman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, bedenterbiýe maşklaryny yzygiderli berjaý etmek adamlaryň ýürek urşuny, gan basyşyny kadalaşdyrýar we ruhuny göterýär. Şeýle hem binada çagalar üçin niýetlenen oýun otagynyň enjamlaşdyrylandygyny bellemek ýakymly. Şypahanada maşgala bolup dynç alýanlaryň çagalarynyň oýun otagynda dürli güýmenjeleriň kömegi arkaly wagtyny şadyýan hem-de gyzykly geçirmekleri üçin giň mümkinçilikler bar.

Soňra hormatly Prezidentimiz şypahananyň mineral suw içilýän bölümine bardy. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde mineral suwuň ýokumlylyk derejesi, olaryň ýylylygy we mineral suwy içmegiň kadasy barada lukmanlaryň maslahatlarynyň yzygiderli guralmalydygyna ünsi çekdi. Munuň özi mineral suwy içmegiň saglygy goraýyş we şypahana ulgamynyň kesgitlenen kadalaryna laýyk derejede ýerine ýetirilmegini üpjün eder.

Hormatly Prezidentimiz tomusky dynç alyş möwsüminiň dowam edýän günlerinde ýurdumyzyň raýatlarynyň «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda we şypahanalarda bolup, dynç alşyň hözirini görýändiklerini we saglyklaryny berkidýändiklerini nazara alanyňda, bu ýere gelýänleriň sanynyň artýandygyny belledi we olara edilýän hyzmatlaryň derejesine üns bermegi tabşyrdy.

Şypahananyň çäklerinde degişli ekologiýa ýagdaýynyň saklanmalydygyny belläp, döwlet Baştutanymyz gezelenç etmek, sport bilen meşgullanmak üçin döredilýän şertleriň derejesini yzygiderli gözegçilikde saklamagy tabşyrdy. Dynç alýanlar şypahananyň mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmalydyrlar, olar ulaglaryny awtoulag duralgalarynda goýup, arkaýyn dynç alyp bilmelidirler.

Hormatly Prezidentimiz alnyp barylýan işleri we kesgitlenen wezipeleri ýokary derejede ýerine ýetirmekde üstünlik arzuw edip, bu ýerden ugrady.

# KIDS EXPO: ÄHLI ZAT ÇAGALAR ÜÇIN

Başlangyjy 1-nji sahypada.
Hödürlenilýän harytlaryň köpüsiniň ýerli hususy önüm öndürijiler tarapyndan öndürilendigini bellemek gerek. Bilim, Medeniýet ministrlikleriniň hem-de sport federasiýalarynyň diwarlyklarynda ýaş nesilleriň beden we ruhy taýdan sagdyn ösmegi, döredijilik başarnyklaryny kämilleşdirmekleri üçin döredilýän mümkinçilikler öz beýanyny tapýar.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň yglan eden Durnukly ösüş maksatlaryny üstünlikli we yzygiderli durmuşa geçirýär hem-de beýleki döwletler, abraýly halkara düzümler bilen işjeň hyzmatdaşlyk edýär. Foruma gatnaşyjylaryň hatarynda ozaldan gelýän hyzmatdaşymyz – eneligi we çagalygy goramak,











ýaş nesliň hemmetaraplaýyn ösmegi, maşgalalaryň maddy-durmuş ýagdaýynyň ýokarlanmagy, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynyň kämilleşdirilmegi, sagdyn durmuş ýörelgeleriniň wagyz edilmegi babatda ýurdumyzda amala aşyrylýan maksatnamalara işjeň gatnaşýan BMG-niň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) hem bar.

Dört günläp dowam etjek halkara sergi-ýarmarkanyň daşary ýurtly gatnaşyjylarynyň hatarynda Eýran Yslam Respublikasy, Ýaponiýa, Germaniýa Federatiw Respublikasy, Hytaý Halk Respublikasy, Türkiýe Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Amerikanyň Birleşen Ştatlary ýaly döwletlerden iri kompaniýalar bar.

Ýurdumyzda hem-de daşary döwletlerde uly islegden peýdalanýan ýokary hilli, bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmek boýunça öňde goýlan wezipeleri çözmekde Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzaлaryna möhüm orun degişlidir. Döwletimiz soňky ýyllarda import harytlarynyň ornuny tutýan, «Türkmenistanda öndürildi» haryt nyşanly önümleri daşarky bazarlarda işjeň ýerlemek boýunça yzygiderli çäreleri durmuşa geçirýär. Milli azyk senagatynyň önümleri – ajaýyp tagamy we hili bilen tapawutlanýan çaga iýmitleri, miwe içgileri, gazlandyrylan suwlar, süýji-köke önümleri alyjylaryň uly islegine eýe bolup, giňden tanalýar. Ýerli önüm öndürijileriň bu ýerde görkezilýän harytlarynyň kabul edilen halkara ölçegleriň ekologik, gözellik talaplaryna laýyklykda gaplanandygyny we bezelendigini bellemek gerek. Sergä gatnaşýanlaryň hatarynda çagalar üçin dürli önümleriň satuwyny amala aşyrmaga ýöriteleşen iri söwda torlary hem bar.

Bilim merkezleriniň diwarlyklarynyň ýanynyň köp adamly bolmagy halkymyzyň ylym-bilime, ýaş nesliň terbiýesine uly ähmiýet berýändigini görkezýär. Çünki ösen aň-düşünjeli, ýokary ahlakly ýaş nesiller Watanymyzyň geljegidir. Bu ýerde geljekki hünärleri ele almak, daşary ýurtlaryň belli ýokary okuw mekdeplerinde okamak üçin maslahatlary almak bolýar. Ýurdumyzda ýaş nesliň daşary ýurt dillerini öwrenmegi, takyk bilimleri özleşdirmegi üçin uly şertler bar. Telekeçiler okatmagyň öňdebaryjy we netijeli usullaryna esaslanýan bilim merkezlerini esaslandyryp, kämil bilimli, ösen aň-düşünjeli ýaş nesliň kemala getirilmegine mynasyp goşant goşýarlar.

Sergä gatnaşýan döwlet we hususy düzümlere, daşary ýurt kompaniýalaryna öz alyp barýan işleri, önümleri, hödürleýän hyzmatlary bilen giň halk köpçüligini tanyşdyrmaga amatly şertler döredildi. Şu gezekki sergä ýaşajyk raýatlaryň işjeň gatnaşmagy onuň esasy aýratynlygydyr. Bu ýerde çagalar üçin interaktiw oýun zolaklary döredilipdir. Gözden geçirilişiň çäklerinde çagalar üçin güýmenje tehnologiýalaryna uly ähmiýet berildi. Ýörite gurnalan zolaklarda tebigat, tehnika, anatomiýa ýaly ugurlarda oýunlar arkaly çagalarda geljekki hünärlere höwes döredilýär. Ýaşajyk türkmenistanlylar serginiň işiniň dowam edýän ähli günlerinde tejribeli tälimçileriň ýolbaşçylygynda döredijilik, aşpezlik we başgada birnäçe gyzykly ugurlar bilen meşgullanyp, wirtual we sanly dünýä, ylmyň dürli ugurlary baradaky düşünjelerini artdyryp bilerler.

Serginiň çäklerinde mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilýän küşt ýaryşy sportuň bu görnüşi boýunça iň zehinli ýaşajyk wekilleri ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Bu ýaryşa dünýäniň 10-a golaý ýurdundan ýaşajyk küştçüleriň gatnaşmagy onuň geriminiň giňdigini görkezýär. Şeýle hem sergide çagalar Halkara mekdep küşt federasiýasynyň tälimçileriniň we ussat grossmeýsterleriň küşt boýunça tälim beriji sapaklaryny alyp bilerler.

Halkara sergi-ýarmarka ata-eneler, bilim-terbiýeçilik işine gatnaşýan hünärmenler üçin hem peýdaly çärelere baýdyr. Çagany geljekki hünärlere ugrukdyrmak, ene süýdi bilen iýmitlendirmegiň peýdasy barada maslahat beriş geňeşmeleri gyzyklylygy bilen tapawutlandy.

Halkara sergi-ýarmarkanyň geçirilýän günlerinde robot boýunça taslamalaryň, mental arifmetika ugrundan bäsleşikleriň, çaga lybaslarynyň görkezilişi guraldy.

Halkara sergi-ýarmarka öz işini 22-nji awgustda tamamlar. Onuň ahyrynda gatnaşyjylara degişli diplomlar gowşurylar.

## Türkmen futbolçysy Türkiýede höwesjeň klublaryň ligasynyň çempiony boldy

Ildeşimiz Haýytmyrat Jumagulyýew Türkiýäniň «Çamlytepespor» klubundaky ilkinji möwsüminde Kojaeli welaýatynyň Ikinji höwesjeňler ligasynyň çempiony boldy. Türk metbugatynda habar berlişi ýaly, 20 ýaşly futbolçy geçen möwsümiň tamamlanmagyna alty tapgyr galanda, toparyň düzümine goşuldy we dessine esasy düzümde çykyş edip başlady. Ýaryşyň aýgytlaýjy duşuşyklarynda ol kluba ligada birinji orny eýelemäge ýardam eden gollary geçirdi. Final duşuşygynda hem gol geçirip, tapawutlanmagy başardy. Şeýlelikde, «Çamlytepespor» topary welaýatyň Birinji höwesjeňler ligasyna çykdy. Bu liga türk futbolynyň basgançagynda ähmiýeti boýunça altynjy derejedäki diwiziondyr.




Stambulyň golaýyndaky Kojaeli welaýatynyň Körfez şäher häkimligine degişli bolan klubuň «Körfez Esentepe» atly stadiony bar. Welaýatda adybir uniwersitetiň bolmagy toparyň ýerli ilatdan we uniwersitetiň gurşawyndan ýaş zehinleri çekmegine mümkinçilik berýär. H.Jumagulyýew hem Kojaeli uniwersitetiniň bedenterbiýe we sport fakultetinde okaýar.

H.Jumagulyýew futbol ýoluna Türkmenistanyň «Köpetdag» klubynyň ýaşlar toparynda başlady. Soňra ol Stambulda «Pari Sen-Žermen» fransuz klubynyň akademiýasynda taýýarlygyny dowam etdirdi. Türk metbugatynyň maglumatlaryna görä, ol 2024-nji ýylyň ýanwarynda PSŽ klubynyň akademiýasy tarapyndan guralan ýaryşda üstünlikli çykyş edip, ýaryşyň iň gowy futbolçysy diýlip ykrar edildi. Oňa sowgat hökmünde Marokkonyň ýygyndysynyň kapitany, PSŽ klubynyň oýunçysy Aşraf Hakiminiň awtografly futbol köýnegi gowşuryldy.

Türkmen futbolçysy Türkiýede Çorum şäheriniň «Dudurgaspor» klubynda hem-de «Eýýupspor» klubynda çykyş etdi.

Futboly okuw bilen utgaşdyrmak üçin wagty dogry ulanmak, berk tertip-düzgüni deňagramly saklamak möhümdir. Bu ýörelge futbol bilen okuwy utgaşdyryp alyp gimegi maksat edinen ildeşimiz H.Jumagulyýewe hem sportda, hem-de okuwda ýokary netijeler gazanmaga ýardam berýär.

## 25 minutda zarýad alýar

Hytaýyň «Zijin Longking» kompaniýasy ýük götərijiligi 230 tonna bolan äpet elektroulagyny öndürdi. Kuwwaty 1 400 kW/sagat batareýa bilen üpjün edilen «ZL230E» atly ulagyň batareýalary 25 minutda 10 göterimden 90 göterime çenli zarýad alýar. Fuszýan welaýatynyň Lunýan şäherindäki tanyşdyrylyş dabarasynda görkezilen ulag açyk magdan känlerinde ulanmak üçin niýetlenipdir. Ulagyň ýükli wagtyndaky agramy 350 tonna ýetýär. «ZL230E» elektrik energiýasy bilen işleýän iň kuwwatly ulag boldy. Ulagyň dolandyryş ulgamlary hem ýokary derejede awtomatlaşdyrylypdyr. Ýük ulagy Awstraliýanyň EACON kompaniýasy bilen bilelikde işlenip taýýarlanypdyr. Bu iki kompaniýa magdan känlerinde ulanylýan ulaglaryň has netijeli işledilmegi üçin hyzmatdaşlyk edýär. EACON kompaniýasy 40-dan gowrak magdan käninde 3 müň 100-den gowrak awtomatlaşdyrylan ýük ulaglaryny öndürýär.



## Antarktida syýahat ýygjamlaşýar

Howanyň maýlamagy we tehnologiýanyň ösmegi netijesinde Ýeriň sowuk ýerlerine syýahat artýar. Fransiýanyň «Ponant» kompaniýasy 2028-2029-njy syýahatçylyk



möwsüminde Antarktida guraljak syýahatlaryň peteklerini satuwa çykardy. Kompaniýa jemi 4 gämi bilen Günorta polýusa 30-dan gowrak sapary amala aşyrar. Olaryň arasynda «Le Commandant Charcot» gämisi bilen amala aşyryljak syýahat has hem özüne çekiji hasaplanýar. Gäminiň ýolagçylary 60 günüň dowamynda Antarktidanyň daşyndan aýlanarlar.

«Ponant» 2028-nji ýylyň noýabryndan 2029-njy ýylyň mart aýlary aralygynda guraljak syýahatlary Antarktida ýarym adasy bilen Günorta Georgiýa, Folklend adalary, Weddell we Rossa deňizlerini hem-de Antarktidanyň gündogar kenarlaryny öz içine alar.

2029-njy ýylyň ýanwar aýynda Argentinanyň Uşuaýa portundan başlajak syýahat 60 gün dowam eder. Bu syýahata gatnaşyjylar 23 müň kilometr ýol geçerler. Gämi Antarktidanyň kenarlary bilen gidip, Rossa deňzi, Erebus dagy we Adeli ýeri ýaly günorta polýusyň açylmagynda ähmiýetli hasaplanýan ýerleriň golaýyndan geçer.

**Rüstem MÄMMEDOW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap geňeşiniň başlygy.*

## Robot öndüriji kompaniýanyň gymmaty artdy

Hytaýyň robot önümçiligi bilen meşgullanýan «Unitree» kompaniýasy Şanhaý biržasyna girip, paýnamalaryny köpçülige hödürledi. 10 ýyl ozal esaslandyrylan kom-




paniýa ite meňzeş dört aýakly, şeýle hem adamsypat robotlary we awtomatlaşdyrylan enjamlary öndürmek bilen meşgullanýar. Kompaniýa paýnamalaryny 150,8 ýuandan (22,3 dollar) satuwa çykardy. Şol günüň ahyrynda paýnamalaryň bahasy 460 göterim gymmatlap, 845 ýuana (125,3 dollar) ýetdi. Netijede, 40 million 450 müň paýnamany hödürlän kompaniýanyň bazar gymmaty 50 milliard amerikan dollaryna ýetdi. Kompaniýa paýnamalardan alnan girdejini «akylly» robotlaryň nusgalaryny, täze enjamlary işläp taýýarlamak hem-de infrastrukturany kämilleşdirmek üçin sarp eder.

2016-njy ýylda esaslandyrylan «Unitree» dört aýakly we adamsypat robotlary, olaryň motor, sensor we gözegçilik mehanizmlerini öndürýär. Geçen ýyl kompaniýa 5 müň 500-den gowrak adamsypat robotlary öndüripdir. Bu görkeziji dünýädäki şeýle enjamlaryň 32 göterimini emele getirýär. Şu ýylyň başynda kompaniýanyň girdejileri 48,5% artyp, 1,15 milliard ýuana (170 million dollar) ýetdi.

Kompaniýanyň işläp taýýarlaýan robotlary önümçilik, logistika, gözleg-halas ediş, ylym-bilim we gündelik durmuş ýaly dürli ugurlarda peýdalanylýar.

**Aýnur TAGANOWA,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Awgust aýynyň 21-i, 2026
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-119313
Belgisi: 34/1704
Tiražy: 10340
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

## Halk Maslahaty – halk häkimiýetiniň ygtybarly sütüni

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň başlangyçlarynyň we taýsyz tagallalarynyň netijesinde ýurdumyzyň ykdysadyýetini diwersifikasiýalaşdyrmak, sanly ykdysadyýete geçmek, ykdysady ösüşiň köpugurlylygyny gazanmak babatynda düýpli öňegidişlikler bilen birlikde halk häkimiýetini kämilleşdirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar.

Türkmen halkynyň döwlet gurluşy babatda köp asyrlyk taryhynda toplan tejribesini hemmetaraplaýyn nazara alyp, ygtyýarly jemgyýetçilik wekilleri bilen ählihalk ýygnaklaryny geçirip, iň wajyp syýasy, ykdysady, durmuş meselelerini çözmek baradaky asylly däplerden ugur alyp we umumy ykrar edilen demokratik ýörelgelere eýerip, şeýle hem ilatyň giň gatlaklarynyň möhüm jemgyýetçilik-syýasy çözgütleriň kabul edilmegine gatnaşmagyny üpjün etmek maksady bilen, halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy – Türkmenistanyň Halk Maslahaty döredildi.



Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda gazananlaryny has-da berkitmek, ýurdumyzy ösüşiň has ýokary derejelerine çykarmak üçin ählihalk hereketini ýaýbaňlandyrmak, jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady, medeni-ynsanperwer we kanunçylyk-hukuk ulgamlarynda täze sepgitlere ýetirmek, iň täze taryhymyzda gazanylan üstünlikleri wagyz etmek maksady bilen döredilen bu ýokary wekilçilikli edara halkymyzyň taryhdan öz gözbaşyny alyp gaýdýan maslahatlaşmak däbiniň aýdyň subutnamasydyr.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilen umumymilli forumda Arkadagly Gahryman Serdarymyz: «Watanymyzyň, eziz halkymyzyň mertebesini, abraýyny has-da belende galdyrmak biziň baş maksadymyzdyr. Şoňa görä-de, ähli tagallalarymyzy Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimizi mundan beýläk hem gülledip ösdürmäge, merdana halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da ýokarlandyrmaga gönükdirmelidiris» diýip nygtady.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri döwlet ähmiýetli meseleleri çözmäge, ýurdumyzda özgertmeleriň we durmuş-ykdysady maksatnamalaryň durmuşa geçirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, maslahatlary bermek, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini, asudalygyny, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň täze döwürde beýik özgerişler ýoly bilen depginli ösmegine, has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek, hyzmat etmek bolup durýar. Şu ýyl Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 35 ýyllyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda – 23-nji sentýabrda Aşgabat şäherindäki Maslahat köşgünde geçiriler. Oňa taýýarlyk işleri döwlet edaralarynyň, ýerli dolandyryş düzümleriniň we jemgyýetçilik guramalarynyň özara utgaşykly hyzmatdaşlygy esasynda alnyp barylýar. Bu maslahatyň milli ösüşiň täze tapgyrlaryny kesgitlemäge, döwlet dolandyryşyny has-da kämilleşdirmäge we jemgyýetçilik jebisligini pugtalandyrmaga goşant goşmagyna garaşylýar.

Her bir güni taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylýan şanly ýylymyzda beýik ösüşlerimiziň ählisi halkymyzyň abadan hem bolelin, erkin hem parahat durmuşda ýaşamagynyň bähbidine gönükdirilendir. Goý, halkymyzy bagtly geljege alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Halk üçin, Watan üçin, eşretli döwür üçin yhlas siňdirip, durmuşa geçirýän tutumly işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn!

**Çynar ORAZOWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň mugallymy.*

## ÝYLYŇ ŞYGARY TÜRKMEN MEDENIÝETINIŇ WE SUNGATYNYŇ DABARALANMAGY BILEN UTGAŞÝAR

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu bolsa türkmeniň döwletlilik ýolunyň mizemez ýörelgelerini, milli medeniýetini, sungatyny, medeni mirasyny, milliliklerini goramagyň hem-de bu ugurda döwlet goldawynyň konstitusion esasy bolup durýar. Bu Kanunlar halkara hukugynyň umumy ykrar edilen kadalaryna laýyklykda döwrüň talabyna görä milli ruhda kämilleşdirilýär, döwrebaplaşdyrylýar.

Häzirki wagtda milli medeniýetimiziň bir şahasy bolan sirk sungatynyň kämil kanunçylyk binýady döredilip, ýurdumyzda bu ugurda uly üstünlikler gazanyldy. Gahryman Arkadagymyzyň taryhy başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen kabul edilen «Sirk we sirk sungaty hakynda» Türkmenistanyň Kanuny hereket edýär. Sirk we sirk sungaty babatynda Türkmenistanyň kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanyp, «Sirk we sirk sungaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan hem-de Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr. Bu Kanun sirk işi we sirk sungaty babatda döwlet syýasatynyň hukuk, durmuş-ykdysady esaslarynyň döwlet tarapyndan goldanylmagynyň görnüşlerini kesgitleýär, sirk tomaşalarynyň döredilmegi, köpçülige görkezilmegi bilen bagly ýüze çykýan gatnaşyklary düzgünleşdirýär, şeýle hem raýatlaryň estetiki terbiýesine, olaryň sirk sungaty babatda döredijilik isleglerini kanagatlandyrmaga we bähbitlerini goramaga gönükdirilýär.



«Sirk we sirk sungaty hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 1-nji maddasynda bu Kanunyň maksatlary üçin ulanylýan adalgalara giňişleýin düşündirişler berilýär. Kanunyň 3-nji maddasynda Sirk we sirk sungaty hakynda Türkmenistanyň kanunçylygynyň maksatlary we wezipeleri beýan edilýär. Ýurdumyzda sirk işiniň häzirki döwrüň talaplaryna, şertlerine laýyklykda netijeli hereket etmegi we ösmegi üçin kadalaşdyryjy hukuk şertleriniň döredilmegini üpjün etmek bu Kanunyň baş maksady bolup durýar. Milli medeniýetiň aýrylmaz bölegi bolan sirk we sirk sungaty babatda döwlet syýasatynyň ýörelgeleri, esasy ugurlary Kanunyň 4-nji maddasynda öz beýanyny tapýar. Döwletiň medeniýetiniň düzüm bölegi bolan sirk işi babatda döwlet syýasaty ynsanperwerlik, demokratiýalylyk, umumadamzat ruhy gymmatlyklarynyň ähmiýetliligi, döredijilik erkinligi, sirk sungatynyň ählumumy elýeterliligi ýaly ýörelgelere esaslanýar. Bu maddada sirk işi babatda döwlet syýasatynyň esasy on üç ugry, şeýle hem sirk işine goldaw bermek boýunça döwlet syýasatyna esaslanýan bäş ugry beýan edilendir. Milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk we wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dini garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara garamazdan, türkmen halkynyň medeni gymmatlygy bolan sirk sungatyna elýeterlilik, ýagny sirk oýunlaryna tomaşa etmek hukugyna ähli raýatlaryň eýedigi Kanunyň 5-nji maddasynda berkidilýär.

Kanunyň 2-nji babynda sirk işi babatda döwlet düzgünleşdirmesini amala aşyrýan döwlet edaralarynyň ygtyýarlyklary kesgitlenilýär. Kanunyň 3-nji babynda sirkiň hukuk ýagdaýy, sirk işiniň maksatlary, esasy görnüşleri, sirk işiniň guralmagy, sirkiň hukuklary we borçlary, sirkiň öz nyşanyna bolan hukugy, sirk işi amala aşyrylanda raýatlaryň saglygyny goramak düzgünleriniň berjaý edilişi baradaky kadalar öz beýanyny tapýar. Mundan başga-da, Kanunyň 4-nji babynda sirkleriň döredilmegi, döwlet belligine alynmagy, üýtgedilip guralmagy we işiniň bes edilmegi, 5-nji babynda sirkleriň döredijilik işgärleri, olaryň hukuk we durmuş taýdan goraglylygy, 6-njy babynda sirk eserine bolan emläk we şahsy emläkleýin däl hukuklar, 7-nji babynda sirkleriň işiniň maliýe, maddy-enjamlaýyn üpjünçiligi, 8-nji babynda bolsa sirkleriň halkara we daşary ykdysady işi bilen bagly kadalar beýan edilýär.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän milli medeniýeti, asylly ýörelgeleri bar. Müňýyllyklardan gözbaş alýan gymmatlyklarymyz bolan ajaýyp halylarymyz, bedew atlarymyz, edermen alabaý itlerimiz dünýäde türkmeni millet hökmünde tanadýan milli buýsanjymyzdyr. Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmeniň döwletlilik ýörelgesi», «Atda wepa-da bar, sapa-da», «Arşyň nepisligi», «Gadamy batly bedew», «Türkmen alabaýy» atly eserlerini okanyňda, türkmen halkynyň milliliginiň kämillik derejesinde biziň günlerimize ýetirilendigine has içgin düşünýärsiň.

Gahryman Arkadagymyz türkmen milliliklerini dikeltmekde, dünýä ýaýmakda beýik işleri bitiren Şahsyýet, biziň her birimiz üçin nusgalyk görelde mekdebidir. Gahryman Arkadagymyzyň şeýle beýik işleriniň biri hem 2007-nji ýylda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyny döredip bermegidir. «Galkynyş» toparynyň at üstünde ýerine ýetirýän akrobatika we gimnastika tilsimleri, bedewlere ussatlyk bilen erk etmek, at çapmak sungatynyň ýokary derejesini görkezýän çykyşlary milli sirk sungatymyzyň özboluşly aýratynlygydyr. Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň şeýle özboluşly aýratynlygy bolan at çapmak sungatynyň ýokary derejesini görkezýän çykyşlaryny abraýly halkara ýaryşlarynda birnäçe gezek baş baýraga mynasyp bolmagy bedewlerimiziň şan-şöhratyny dünýäde giňden dabaralandyrýandygynyň güwäsidir.

Mälim bolşy ýaly, Monako Knýazlygynyň Monte-Karlo şäherinde 48-nji halkara sirk sungaty festiwaly geçirildi. «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň we Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň ýolbaşçylary oňa hormatly myhman hökmünde gatnaşyp, ýurdumyza wekilçilik etdiler. Bu halkara festiwalyň çäklerinde geçirilen dabaraly çärede «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparyna sirk sungatyna uly goşandy üçin Bütindünýä sirk federasiýasy, şeýle-de Ýewropa Sirk assosiasiýasy tarapyndan halkara şahadatnamalaryň gowşurylmagy eziz Diýarymyzda sirk sungatyny ösdürmek ugrunda durmuşa geçirilýän işleriň ajaýyp netijesi bolup, Türkmenistanda sirk sungatynda ýetilen sepgitleriň dünýäde ykrar edilýändigini görkezýär.

Geljek aýda, has takygy 4–6-njy sentýabrda Niderlandlar Patyşalygynyň Kronenberg şäherindäki «Peelbergen» halkara atçylyk merkezinde ahalteke bedewleriniň atly sport we gözellik bäsleşigi boýunça Dünýä çempionaty geçirilýär. Bu abraýly halkara çäre «Türkmen atlary» döwlet birleşigi we Ahalteke atlarynyň Ýewropa assosiasiýasy tarapyndan guralýar. Bu halkara bäsleşige ýurdumyzyň atşynaslary häzirden uly taýýarlyk görýärler.

Ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmek we milli atşynaslygyň däplerini dünýä ýaýmak, bu ugurda ýaşlarymyza döwrebap bilim bermek boýunça işler yzygiderli durmuşa geçirilýär. Munuň şeýledigini Arkadag şäherinde Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda atçylyk pudagy üçin ýokary bilimli hünärmenleriň taýýarlanylmagy, bu hünärmenleriň alan bilimlerini ylmy esasda kämilleşdirmekleri üçin giň mümkinçilikleriň döredilmegi, Arkadag şäherinde halkara ölçeglerine laýyk gelýän Atçylyk ylmy-önümçilik merkeziniň, şeýle hem 1500 tomaşaça niýetlenen Görogly adyndaky döwlet atçylyk sirkiniň hereket etmegi, atşynaslar üçin döredilen mümkinçilikler, welaýat merkezlerinde hereket edýän atçylyk toplumlary hem tassyklaýar.

Ata Watanymyzda milli guwanjymyz bolan meşhur behişdi bedewlerimiziň ösdürilip ýetişdirilmegi, atşynaslaryň, hünärmenleriň döwrebap şertlerde zähmet çekmegi, milli atçylyk sungatymyzyň ösdürilmegi babatda giň gerimli işler alnyp barylýar. Bu ugurda gyzyklanma bildirýän ähli daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen atçylyk pudagynda netijeli gatnaşyklary giňeltmek boýunça Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen 2010-njy ýylda döredilen, baş edarasy paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşýän Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasyna uly orun degişlidir.

Ahalteke atçylyk sungatynyň we atlary bezemek däpleriniň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynda mynasyp orun almagy täze taryhy döwürde atçylygyň gadymdan gelýän milli däpleriniň halkara derejesinde ykrar edilýändiginiň subutnamasydyr.

Halkymyzyň milli medeniýetini, sungatyny dünýäde dabaralandyrýan we kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmäge ajaýyp şertler hem-de mümkinçilikler döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan beýik işleri rowaçlyklara beslensin!

**Nepes ROZYÝEW,**
*Türkmenistanyň Mejlisiniň deputaty, Mejlisiň Ylym, bilim, medeniýet we ýaşlar syýasaty baradaky komitetiniň agzasy.*

## EDEBIÝAT

*Žaklin Kennedi: «Çagaňyzyň dünýägaraýyşyny baýlaşdyrmagyň köp usuly bar. Şolaryň iň gowusy kitaplara söýgi döretmekdir».*

### Satuwy 1 milliondan geçdi

Gomeriň meşhur «Odisseýa» eposynyň iňlis dilindäki terjimesiniň satylan nusgalarynyň umumy sany 1 milliondan geçdi. Kitaby neşir eden «W.W.Norton & Company» neşirýat öýüniň berýän maglumatlaryna görä, diňe içerki bazarda kitabyň satuwy 2025-nji ýyl bilen deňeşdirilende, 40% töweregi artdy. Nusgawy edebiýat kitaplary üçin beýle uly üstünlik örän seýrek duş gelýär.



Bu terjimäniň awtory Pensilwaniýa uniwersitetiniň antik edebiýat boýunça professory Emili Uilsondyr. Ol 2017-nji ýylda «Odisseýany» iňlis diline doly geçirmek bilen, antik eposy iňlis dilinde neşir eden ilkinji zenan alym hökmünde taryha girdi. Professor Uilson mundan başga-da Gomeriň «Iliada» eposyny, şeýle hem Ýewripidiň we Senekanyň eserlerini iňlis diline üstünlikli terjime etdi.

Eposyň satylyşynyň ýokary derejede köpelmegine golaýda kinorežissýor Kristofer Nolanyň täze filminiň ssenarisinde hut ussadyň şu terjimesine salgylanmagy we kitapdaky sitatalary ulanmagy hem uly täsir etdi. Şeýle-de bolsa, Emili Uilson «London Review of Books» neşirindäki makalasynda Nolanyň ssenarisine ýokary baha bermedi. Ol öz makalasynda ssenariniň amala aşyrylyşyna pes baha berip, filmde wagt, taryh we uruş mowzuklarynyň doly açylyp görkezilmändigini aýtdy.

### Gogolyň kitaby auksionda satylar

«Litfond» auksion öýüniň ýakyn wagtda geçjek söwdalarynda Nikolaý Gogolyň «Dikankanyň ýanyndaky hutorda agşamlar» atly dirikä çap edilen seýrek neşiri 3,5 million rubl başlangyç baha bilen iň gymmat lot hökmünde hödürlener. Bu seýrek neşir ozal belli edebiýatçy Aleksandr Borozdiniň ýygyndysynda bolup, XX asyryň 20-nji ýyllarynda meşhur kolleksiýaçy Pawel Gubaryň Petrograd şäherindäki «Antikwariat» dükanynda hem satuwa çykarylypdyr.

Şeýle hem auksionda ýene-de birnäçe gymmatly we seýrek taryhy eserler bäsleşikli söwdalara goýlar. Olaryň arasyna soňky rus imperator aýaly Aleksandra Fýodorownanyň doglan gününe bagyşlanyp çap edilen «Ak gülüň jadysy» neşiri hem girýär. 1829-njy ýylyň 13-nji iýulynda Potsdamda geçirilen baýramçylygy wasp edýän bu bezegli kitabyň başlangyç bahasy 750 müň rubl diýip kesgitlenipdir.

Mundan başga-da, taryhy eserleriň hatarynda Nikola-Gabriel Leklergiň Russiýanyň 1783–1794-nji ýyllardaky taryhyny beýan edýän ýazgylary hem-de taryhy atlasy 600 müň rubl başlangyç baha bilen auksiona çykarylar.



Auksionyň ýene-de bir üns çekiji seýrek harydy Gessel Gerritsiň 1660-njy ýyllarda Amsterdamda çap eden «Kremlenagrad» atly mis grawýurasy boldy. Onda Moskwa şäheriniň jikme-jik meýilnamasy, şeýle hem ýangyn wagtynda weýran bolan patyşa jaňy ýaly otuzdan gowrak taryhy desga görkezilip, onuň söwdasy 280 müň rubldan başlanar.

### Medeniýetleri birleşdirýän ýazyjy

Meşhur ýazyjy Elif Şafak häzirki zaman türk edebiýatynyň iň görnükli şahsyýetleriniň biridir. Ol geçen ýyl Iňlis edebiýatynyň patyşalyk jemgyýetiniň başlygy wezipesine saýlandy. 1971-nji ýylyň 25-nji oktýabrynda Fransiýanyň Strasburg şäherinde dünýä inen ýazyjynyň kakasy meşhur psiholog we akademik Nuri Bilgin, ejesi bolsa diplomat Şafak Ataýmandyr. Ol Ankaradaky Atatürk Anadolu liseýinde orta bilimi alandan soň, şol şäherdäki Ýakyn Gündogar tehniki uniwersitetiniň halkara gatnaşyklary bölümini tamamlaýar. Şol uniwersitetde gender deňligi boýunça magistr, syýasat ylymlary boýunça bolsa doktorlyk derejesini alan ýazyjy ylym we bilim ulgamyndaky üstünlikleri bilen birlikde edebiýat äleminde hem uly üstünlikleri gazanýar.

1997-nji ýylda «Pynhan» atly ilkinji romanyny okyjylara ýetiren Elif Şafak 2000-nji ýylda çap edilen «Mährem» romany bilen giň okyjylar köpçüligine tanalýar. Ýazyjynyň 2009-njy ýylda neşir edilen «Yşk» romany türk edebiýatynyň taryhynda gysga wagtda iň köp satylan eser hökmünde uly meşhurlyga eýe bolýar. Iňlis dilinde «The forty rules of love» ady bilen çap edilen bu eser BBC tarapyndan düzülen «Dünýäni



özgerden 100 romanyň» sanawyna girizilýär. Häzirki wagtda onuň eserleri 50-den gowrak dile terjime edilip, dünýäniň iň abraýly neşirýatlary tarapyndan okyjylara ýetirilýär. Şeýle hem ýazyjy «Ussam we men», «On minut otuz sekiz sekunt» we «Ýitirilen agaçlar adasy» ýaly birnäçe meşhur romanlary hem-de pelsepewi kitaplary bilen halkara derejesinde abraýly baýraklara mynasyp bolýar.

Elif Şafak diňe bir ýazyjy däl, eýsem, halkara derejesindäki jemgyýetçilik işgäri hökmünde hem tanalýar. Ol 2017-nji ýylda «Politico» žurnaly tarapyndan «Dünýäni özgerden 12 adamyň biri» hökmünde saýlanyp, 2021-nji ýylda bolsa BBC-niň dünýä boýunça ylham berýän 100 zenanyň sanawyna girizilýär. Türkiýäniň dürli metbugat edaralarynda, şol sanda «Habertürk» gazetiniň ýazary bolup işlän Şafak ABŞ-nyň Miçigan we Arizona uniwersitetlerinde, Angliýada bolsa Oksford uniwersitetinde myhman mugallym bolup sapak berýär hem-de Oksforddaky Mukaddes Anna Kollejiniň hormatly agzasy bolýar. Edebiýat we sungat äleminde gazanan üstünlikleri bilen dünýä jemgyýetçiliginiň ünsüni özüne çekýän ýazyjy häzirki wagtda halkara derejesindäki medeniýet we sungat işlerine ýolbaşçylyk etmegini dowam etdirýär.

### Taryhy romanlaryň ussady

Şotland ýazyjysy Walter Skott (1771-1832) taryhy roman žanrynyň düýbüni tutujy hökmünde giňden tanalýar. Ýakynda – 15-nji awgustda beýik ýazyjynyň doglan gününiň 255 ýyllygy bellenilip geçildi. Häzirki wagtda onuň dünýä edebiýatyna eden täsiri hem-de baý döredijilik mirasy giňden wagyz edilýär.

Meşhur şotland şahyry we prozaçysy Walter Skottuň doglan güni mynasybetli dünýä jemgyýetçiligi beýik ýazyjynyň edebiýat taryhynda eýeleýän ornuna ýene-de bir gezek sarpa goýýar. Onuň Edinburg şäherindäki ýadygärligi ýazyjynyň hormatyna dikeldilen iň uly monumentleriň biridir. Şotlandiýanyň esasy edebi ýyldyzlarynyň hataryna girýän Walter Skott we Robert Berns ýurdy dünýä tanatmagy başardylar. Edebiýatçylar Bernsi şotland Puşkini, Skotty bolsa şotland Lew Tolstoýy we Dostoýewskisi diýip atlandyrýarlar. Skottuň eserleri, ilkinji nobatda, Angliýanyň taryhyna ýüzlenmegi bilen bütindünýä meşhurlygyna eýe boldy. Ýazyjynyň 1819-njy ýylda neşir edilen «Aýwengo» romany ilkinji iki hepdäniň dowamynda 10 müň nusgada satylyp, şol döwür üçin görlüp-eşidilmedik üstünlige öwrüldi.



Walter Skottuň döredijilik ýoly rus edebiýatyna, şol sanda Zagoskina, Puşkine, Gogola we Tolstoýa hem güýçli täsir edýär. Onuň taryhy wakalary janly adamlaryň başdan geçirmeleri hökmünde ýönekeý we düşnükli beýan etmegi okyjylaryň arasynda uly meşhurlyga eýe boldy. Şeýle hem ol häzirki zaman Orta asyr fantaziýa eserleriniň, şol sanda «Tagt oýunlary» ýaly meşhur kitaplaryň we kinofilmleriň ýüze çykmagyna itergi beren neogotika ugrunyň kemala gelmegine goşant goşdy. Ýazyjynyň döreden eserleri we Şotlandiýadaky meşhur öý-mülki häzirki wagtda hem adamzat mirasynyň aýrylmaz bölegi bolup galýar.

### Paýhaslar

☑ Biziň hemmämiz diňe bir ganatly perişdelerdiris we diňe birek-biregi goldap uçup bileris.

**Luçano De Kreşenso.**

☑ Gödeklik adamyň öz ejizlik, bilimsizlik we ýalňyşlygyny beýlekileriň üstüne haýbat atyp örtmek synanyşygydyr.

**Mihail Bulatow.**

☑ Durmuş – ýa batyrgaý başdangeçirme, ýa-da düýbünden hiç zat.

**Helen Keller.**

☑ Iň gowy öç almak duşmanyňa meňzemezlikdir.

**Mark Awreliý.**

☑ Başgalar üçin kyn bolan zady aňsatlyk bilen ýerine ýetirmek zehiniň alamatydyr.

**Onore de Balzak.**

☑ Çöli owadan görkezýän zat onuň öz jümmüşinde gizlin bir guýyny saklamagydyr.

☑ Diňe ýürek bilen dogry görüp bilersiň, esasy zat göze görünýän däldir.

**Antuan de Sent-Ekzýuperi.**

☑ Üstünlik gutarnykly däl, şowsuzlyk bolsa heläkçilik däl: esasy zat dowam etmäge bolan batyrgaýlykdyr.

**Winston Çerçill.**

☑ Her bir zat ýerine ýetirilýänçä, mümkin däl ýaly görünýär.

**Nelson Mandela.**

☑ Gülki adamyň ýüzünden gyşy kowup çykarýan güneşdir.

**Wiktor Gýugo.**

☑ Daş-töwerege seredýän düýş görýändir; öz içine seredýän bolsa oýanýandyr.

**Karl Ýung.**

☑ Siziň durmuşyňyzda iň wajyp iki gün bardyr: biri – doglan günüňiz, beýlekisi bolsa – näme üçin doglandygyňyzy, maksadyňyzy öwrenen günüňiz.

**Mark Twen.**

☑ Batyr boluň. Töwekgellik ediň. Hiç bir zat tejribäniň ornuny tutup bilmez.

**Paulo Koelo.**

☑ Çagalara gowy terbiýe beriň, şonda ululary jezalandyrmaga zerurlyk galmaz.

**Pifagor.**

☑ Wagtynyň bir sagadyny ýitirmäge batyrgaýlyk edýän adam durmuşyň hakyky bahasyny heniz tapan däldir.

**Çarlz Darwin.**

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI
## gysga setirlerde

**«Apollo» «easyJet»-i satyn alýar.** ABŞ-nyň «Apollo Global Management» maýa goýum kompaniýasy Beýik Britaniýanyň «easyJet» awiakompaniýasyny 6,6 milliard ýewro satyn almakçy bolýar. Geleşige görä, «Apollo» paýnamalaryň 49,9 göterimine eýe bolar, galan bölegi bolsa kompaniýanyň esaslandyryjysynyň maşgalasynda we ÝB-niň ýörite gaznasynda saklanar. Bu söwdanyň 2027-nji ýylyň birinji çärýeginde doly tamamlanmagyna garaşylýar.



**Iň garry agaç tapyldy.** Germaniýanyň Ýokary Algoý sebitinden tapylan 1 müň 100 ýaşly tis agajy ýurduň iň garry agajy diýlip yglan edildi. Deňiz derejesinden 1 müň 100 metr belentlikde ösýän bu agaç birnäçe taryhy wakalary başdan geçiripdir. Alymlar beýikligi 5,1 metre ýetýän bu seýrek agajyň guşlar tarapyndan getirilen tohumdan gögerip çykandygyny çaklaýarlar.



**Ganatlary eplener.** «Airbus» kompaniýasy ýolagçy uçarlary üçin ýangyjy tygşytlaýan «Wing of Tomorrow» taslamasyny hödürledi. Kompozit materiallardan ýasaljak ganatlar howanyň garşylygyny azaldyp, zyňyndylary 10 göterimden gowrak azaltmaga mümkinçilik berer. Şeýle hem köp ýer tutmaz ýaly, uçar ýere gonandan soň ganatynyň ujy ýokarlygyna eplener. Täze taslamanyň synaglary ýakyn üç ýylda geçiriler.



**Seul-Wonsan demir ýoly.** Koreýa Respublikasy Seul bilen Koreýa Halk-Demokratik Respublikasynyň Wonsan şäherini birleşdirjek demir ýoluň gurluşygyny 2027-nji ýylda täzeden dowam etdirmegi meýilleşdirýär. Taslamanyň 2029-njy ýyla çenli tamamlanjakdygy bellenilýär. Käbir sebäplere görä, 2016-njy ýylda gurluşygy togtadylan bu taslama 2015-nji ýylda başlanypdy.



**Dunaýdaky taryhy galyndylar.** Dunaý derýasynda suwuň derejesiniň peselmegi netijesinde, Wengriýanyň paýtagty Budapeşt şäherinde Ikinji jahan urşuna degişli taryhy galyndylar tapyldy. Hünärmenler tarapyndan geçirilen gözleglerde motosikl, şahsyýet belgileri ýüze çykaryldy. Derýanyň düýbündäki gyrmançanyň täsiri bilen tapyndylar abat saklanypdyr. Suwuň mundan hem peselmegi bilen täze tapyndylaryň ýüze çykarylmagyna garaşylýar.



**Sardisden gadymy heýkel tapyldy.** Türkiýäniň Manisa welaýatynyň gadymy Sardis şäherinde miladydan öňki 470–450-nji ýyllara degişli 2,2 metr belentlikdäki ýaş ýigidiň mermer heýkeli tapyldy. Medeniýet we syýahatçylyk ministri Mehmet Nuri Ersoýyň bellemegine görä, bu seýrek eser Rim döwründe köçä düşelip, ýüzi aşak öwrülip goýlandygy sebäpli asyrlaryň dowamynda abat saklanyp galypdyr.



**Täze dünýä rekordy.** Hindistanly zenan Renu Dhariýal 11 ýyllap saçyny ösdürip, uzynlygyny 2,69 metre ýetirdi we Ginnesiň rekordlar kitabyna girdi. Ol bu görkeziji bilen öňki rekordçy ukrainaly Aliýa Nasyrowanyň (2,57 metr) rekordyny täzeledi. Dhariýal saçyna ideg etmek üçin hiç hili himiki serişde ulanmaýandygyny, diňe tebigy ýaglardan peýdalanýandygyny belläp, bu baradaky usullaryny özüniň «YouTube» kanaly arkaly köpçülige ýetirýändigini habar berdi.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1902-nji ýylyň 21-nji awgustynda «General Motors» kompaniýasynyň kaşaň awtoulaglary öndürýän meşhur brendi «Kadillak» esaslandyryldy. Detroýt şäheriniň düýbüni tutujy Antuan de Lamott-Kadillagyň adyny göterýän bu awtoulag ýokary ygtybarlylygy, rahatlygy hem-de kaşaňlygy bilen dünýä bazarynda uly meşhurlyk gazandy.**



# BMG-de ýaşlar sammiti geçirildi

**14-nji awgustda BMG-niň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda dünýäniň dürli künjeklerinden gelen 600-den gowrak ýaşlaryň gatnaşmagynda emeli aň meselelerine bagyşlanan ýaşlar sammiti geçirildi. Bu çäräniň dowamynda emeli aň tehnologiýalaryny Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin ulanmak meseleleri hem-de ýaşlaryň bu ugurdaky işleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Häzirki wagtda çagalar we ýetginjekler emeli aň tehnologiýalaryny ululara garanyňda üç esse çalt özleşdirip, täze mümkinçilikleri açýarlar we käbir wajyp ugurlarda üns berilmeli meseleleri hem ýüze çykarýarlar.**



**Çäräniň dowamynda halkara guramalaryň gatnaşmagynda dürli pikir alyşmalar guralyp, «Global sanly şertnama» laýyklykda, emeli aňy dolandyrmak boýunça Ýaşlar jarnamasy kabul edildi. BMG-niň Baş sekretary Antoniu Guterriş ýaşlaryň ykdysady durnuksyzlyk, sanly deňsizlik we howanyň üýtgemegi ýaly köp sanly kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz bolýandygyny belläp, olaryň döwlet ähmiýetli çözgütleri kabul etmäge gatnaşmagynyň zerurdygyny nygtady.**

**BMG-niň Baş sekretarynyň ýaşlaryň işleri boýunça kömekçisi Felipe Paulýer ýaşlaryň emeli aň tehnologiýalaryny ösdürmegiň hereketlendiriji güýji bolup durýandygyny we olaryň kadalaşdyryjy düzgünleri işläp düzmäge işjeň gatnaşmalydygyny belledi. Maslahata gatnaşyjylar adamlaryň diňe bir iş tapmagy däl, eýsem, täze başarnyklary hem özleşdirmegi üçin emeli aň mümkinçiliklerini giňeltmekde ýaş nesliň işjeň bolmalydygyny bellediler.**

# Abdul El-Saýediň ýeňşi

ABŞ-nyň Miçigan ştatynda Senat saýlawlary boýunça Demokratik partiýa tarapyndan guralan deslapky saýlawlarda (praýmeriz) öňdebaryjy syýasatçy Abdul El-Saýed ýeňiş gazandy. Ol noýabr aýynda geçiriljek esasy saýlawlarda respublikaçy dalaşgär Maýk Rojers bilen bäsleşer. Bu saýlawlaryň netijeleri ABŞ-nyň Kongresiniň geljekki düzümini kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýedir.

Lukmançylyk ugrundan bilimi bolan hem-de ozal bu ugurda zähmet çeken Abdul El-Saýed partiýa elitasynyň we Senatdaky demokratlaryň lideri Çak Şumeriň goldawyndan peýdalanýan bäsdeşi Heýli Stiwensden az tapawut bilen öňe geçdi. Saýlawlaryň netijeleri yglan edilenden soň, El-Saýed özüniň sosial ulgamlardaky sahypasynda bäsleşigiň netijelerine ýokary baha berip, Heýli Stiwensi noýabr aýynda geçiriljek saýlawlarda ýeňiş gazanmak üçin bilelikde zähmet çekmäge çagyrdy. Öz gezeginde Heýli Stiwens hem bäsdeşini ýeňşi bilen gutlap, partiýanyň agzybirligini saklamak we esasy saýlawlarda köpçülikleýin goldaw gazanmak üçin El-Saýede doly ýardam berjekdigini mälim etdi.



Abdul El-Saýed özüniň saýlaw maksatnamasynda esasy ünsi ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, saglygy goraýyş ulgamyny ösdürmäge hem-de ýönekeý raýatlaryň bähbitlerini goramaga gönükdirdi.

# Robotaksi ulgamy işe giriziler

«Uber» kompaniýasy Hytaýyň «Pony.ai» kompaniýasy bilen hyzmatdaşlygyny giňeldip, Ýewropada 2 müňden gowrak awtonom taksileri işe girizjekdigini mälim etdi. Bu ädim awtonom sürüjilik hyzmatlaryny giň möçberde kommersiýalaşdyrmak ugrundaky umumy tagallalaryň çäginde amala aşyrylýar. Taraplaryň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda, ilkinji tapgyrda bu hyzmat Horwatiýanyň paýtagty Zagreb şäherinde ýola goýlar we geljekde ýene-de dört sany Ýewropa şäherine ornaşdyrylar, şeýle hem Gündogar Ortaýer deňzi sebitiniň bazarlary öwreniler.

Täze hyzmatdaşlyk ulag hyzmatlary platformasyny, awtopark dolandyryş mümkinçiliklerini we 4-nji derejeli öňdebaryjy awtonom sürüjilik tehnologiýalaryny birleşdirýär. Häzirki wagtda dünýäde bu ugurda ýüze çykýan sürüji ýetmezçiligini aradan aýyrmak, şäherleriň ulag netijeliligini ýokarlandyrmak we howpsuzlygy üpjün etmek maksady bilen awtonom ulag bazary işjeň ösdürilýär. Hytaý döwlet goldawy arkaly bu ulgamda öňdebaryjy orny eýeleýän bolsa,




Ýewropada tehnologik we howpsuzlyk meseleleri sebäpli bu ugur heniz haýal ösýär. Bu ädim Ýewropada awtonom ulag bazarynyň synag döwrüni tamamlap, hakyky täjirçilik tapgyryna geçýändigini görkezýär.

# Hytaý – täze senagat merkezi

Soňky ýigrimi ýylyň dowamynda Hytaý Halk Respublikasy gaýtadan işleýän senagatdaky önümçilik paýyny 2005-nji ýyldaky 9 göterimden 2025-nji ýylda 27 göterime



çenli artdyryp, dünýäniň iň uly önümçilik ykdysadyýetine öwrüldi. Şeýlelikde, Hytaý Halk Respublikasy ABŞ hem-de Ýewropa Bileleşiginden 10% öňe geçdi. «Visual Capitalist» seljeriş portalynyň maglumatlaryna we ABŞ-nyň Ykdysady seljeriş býurosynyň hem-de Bütindünýä bankynyň hasaplamalaryna esaslanýan bu görkezijiler ýurduň global bazardaky ornunyň düýpli berkändigini aýdyň görkezýär.

2005-nji ýylda Ýewropa Bileleşigi 24% paý bilen dünýäde öňdebaryjylygy eýelän bolsa, şol döwürde ABŞ Ýewropa Bileleşiginden biraz yza galyp, Ýaponiýanyň paýy 13 göterime barabar bolupdy. Şeýle hem ol wagtlar Hytaý 9%, Koreýa Respublikasy 3%, Hindistan, Meksika we Russiýa bolsa, 2% önümçilik güýjüne eýe bolupdylar. Hytaýyň ykdysadyýetiniň liberallaşdyrylmagy, 2001-nji ýylda Bütindünýä Söwda Guramasyna agza bolmagy, arzan işçi güýji, sebitara salgyt ýeňillikleri we daşary ýurt maýa goýumlarynyň akymy transmilli korporasiýalary çekmäge hem-de önümçiligi çalt giňeltmäge mümkinçilik berdi. Netijede, eýýäm, 2015-nji ýyla çenli Hytaý dünýäniň senagat önümçiligi boýunça öňdebaryjylygy eýeledi.

Şol bir wagtyň özünde ABŞ-nyň, ÝB-niň we Ýaponiýanyň umumy paýy 2005-nji ýyldaky 59 göterimden 2025-nji ýylda 39 göterime çenli peseldi, emma bu ýagdaý olaryň önümçiliginiň hakyky göwrümleriniň kemelendigini aňlatmaýar. Göz öňünde tutulýan döwürde Hindistanyň paýy 3 göterime ýeten bolsa, Meksika, Russiýa we Koreýa Respublikasy öz görkezijilerini durnukly saklap galmagy başardylar.

# MERKEZI AZIÝADA SYÝAHATÇYLYK ÖSÝÄR

Bütindünýä syýahat we syýahatçylyk geňeşiniň (WTTC) hasabatyna görä, Merkezi Aziýa 2025-nji ýylda dünýäde syýahatçylyk pudagy iň çalt ösýän sebit hökmünde ykrar edildi. Degişli döwürde pudagyň sebitiň jemi içerki önümine (JIÖ) goşan goşandy bir ýylda 17,7% artyp, bu ugurda ähli sebitleriň arasynda iň ýokary görkeziji hökmünde hasaba alyndy.

Geçen ýyl syýahatçylyk pudagy Merkezi Aziýanyň ykdysadyýetine 20,1 milliard amerikan dollary möçberinde peýda getirip, sebitiň JIÖ-niň 4,3 göterimini üpjün etdi. WTTC-niň çaklamalaryna görä, 2026-njy ýylda bu görkezijiniň 21,7 milliard amerikan dollaryna ýetmegine garaşylýar. Munuň özi 2019-njy ýylyň görkezijileri bilen deňeşdirilende, syýahatçylygyň ykdysadyýete goşan goşandynyň 27,1% artandygyny görkezýär. Sebitde syýahatçylyk çykdajylarynyň umumy möçberi 15,4 milliard dollara ýetip, munuň 9,9 milliard dollary daşary ýurtly syýahatçylaryň, 5,5 milliard dollary bolsa içerki syýahatçylaryň paýyna düşdi. Çykdajylaryň agramly bölegi, dynç alyş we güýmenje ugurlaryna gönükdirildi.

Pudagyň ösüşi zähmet bazaryna hem oňyn täsirini ýetirdi. 2025-nji ýylda sebitiň syýahatçylyk pudagynda 1,7 million adam zähmet çekip, iş bilen üpjünçilik öňki ýyl bilen deňeşdirilende, 9,5% ýokarlandy. Hünärmenleriň çaklamalaryna görä, 2036-njy ýyla çenli bu görkeziji 2,2 million iş ornuna ýeter. Mundan başga-da, syýahatçylyk infrastrukturasyna gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi 12,4% artyp, Merkezi Aziýa bu ugurda dünýäde öňdebaryjy üç sebitiň hataryna girdi.

Bellenilişi ýaly, 2025-nji ýylda sebit ýurtlaryna gelen syýahatçylaryň agramly bölegini goňşy döwletleriň raýatlary düzdi. Syýahatçylaryň 29 göterimi Gazagystana, 22 göterimi Özbegistana, 20 göterimi Russiýa Federasiýasyna, 19 göterimi Gyrgyz Respublikasyna, 2 göterimi Hytaýa hem-de 8 göterimi dünýäniň beýleki ýurtlaryna degişlidir. Hasabatda Özbegistanyň medeni-bilim syýahatçylygynda öňdebaryjy ornuny saklaýandygy, Gazagystan bilen Gyrgyz Respublikasynyň bolsa degişli infrastrukturany işjeň ösdürýändigi bellenilýär.



# SANLY ÇARWALAR ÜÇIN IŇ GOWY ŞÄHERLER

Dünýäniň islendik ýerinden uzak aralykdan we internet arkaly zähmet çekýän hünärmenler – sanly çarwalar üçin iň amatly şäherleriň reýtingi düzüldi. Barlag işlerinde ilat sany, internet ulgamynyň tizligi, dynç alyş we medeniýet merkezleriniň elýeterliligi, ýaşaýyş nyrhlary hem-de ýylyň dowamyndaky amatly howa günleriniň sany ýaly möhüm görkezijiler doly nazara alyndy.

Bäsleşikli geçen barlaglaryň netijelerine görä, dünýäniň 104 sany iri şäheriniň arasyndan Seul şäheri 73,60 utuk toplap, sanawda birinji orny eýeledi. Ýaponiýanyň paýtagty Tokio 72,61 utuk bilen ikinji orna mynasyp boldy. Şeýle hem ilkinji bäşlige Wýetnamyň paýtagty Hanoý (71,86 utuk), Hytaý Taýpeýi (70,98 utuk) we Ýaponiýanyň Osaka (70,15 utuk) şäheri girdi. Mundan başga-da, reýtingiň ilkinji onlugyna Ispaniýadan Barselona (68,11 utuk) hem-de Madrid (66,67 utuk), Braziliýanyň San-Paulu (66,67 utuk), Ýaponiýanyň Nagoýa (64,97 utuk) we Wýetnamyň Hoşimin (64,28 utuk) şäherleri üstünlikli girdi.



Hünärmenleriň bellemegine görä, pandemiýa döwründe uzak aralykdan işlemek zerurlygynyň ýüze çykmagy ösen internet infrastrukturasyna we häzirki zaman ýaşaýjylarynyň talaplaryna doly laýyk gelýän şertleri döretmegiň möhüm ähmiýete eýedigini ýene bir gezek subut etdi.



# ÖZBEGISTANYŇ ENERGIÝA STRATEGIÝASY

**Özbegistan Respublikasy ýurduň ykdysady ösüşini we ilatyň artýan isleglerini üpjün etmek maksady bilen, ýakyn bäş ýylda elektrik energiýasynyň önümçiligini 82 milliard kilowatt-sagatdan 120 milliard kilowatt-sagada çenli artdyrmagy meýilleşdirýär. Daşkent halkara maýa goýum forumynda bellenilişi ýaly, ýurtda 2030-njy ýyla çenli gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleriniň paýyny 54 göterime ýetirmek we ilkinji atom elektrik stansiýasynyň gurluşygyna başlamak arkaly geljekki energiýa balansyny düýpli üýtgetmek göz öňünde tutulýar.**

**Özbegistan tarapyndan bu uly göwrümli maksatlara ýetmek üçin ekologiýa taýdan arassa «ýaşyl» energetika taslamalaryna 6 milliard amerikan dollaryna golaý daşary ýurt maýa goýumlary çekildi we elektrik ulgamlaryny döwrebaplaşdyrmaga ýene-de 4 milliard dollar gönükdirmek meýilleşdirilýär. Halkara hyzmatdaşlygyň çäklerinde Ýewropanyň Täzeleniş we ösüş banky (ÝTÖB) ýurtda «ACWA Power» we «Masdar» kompaniýalary bilen bilelikde iri Gün elektrik stansiýalaryny we kuwwatly akkumulýator ulgamlaryny gurmak taslamalaryna 1 milliard dollardan gowrak serişde ugrukdyrdy.**

**Energiýa pudagyny diwersifikasiýalaşdyrmak ugrunda Jizak welaýatynda umumy kuwwaty 2000 megawatdan gowrak bolan ilkinji AES-iň gurluşygyna badalga berildi. Bütindünýä ýadro assosiasiýasynyň bilermenleri bu taslamanyň elektrik energiýasynyň 75 göterimini berýän tebigy gaza bolan garaşlylygy azaltjakdygyny we gymmatly çig maly beýleki senagat pudaklaryna ugrukdyrmaga mümkinçilik döretjekdigini belleýärler.**

# «EUROVISION-2027» BOLGARIÝADA GEÇIRILER

Gara deňziň kenarynda ýerleşýän Bolgariýanyň Burgas şäheri geljek ýylyň maý aýynda Halkara «Eurovision» aýdym-saz bäsleşigini ilkinji gezek ýokary derejede garşy alar. Ýewropanyň teleýaýlymlar birleşiginiň (EBU) resmi maglumatyna görä, ýurduň dördünji uly şäheri bolan Burgasda ýerleşýän döwrebap «Arena Burgas» sport-konsert toplumynda geçirilmegi meýilleşdirilýän medeni çäräniň ýarym finalyny 2027-nji ýylyň maý aýynyň 11-ine we 13-ine, final tapgyryny bolsa maý aýynyň 15-ine geçirmek bellenildi. Bolgar halkynyň myhmansöýerligi, baý milli medeniýeti we ösen infrastrukturasy bilen tapawutlanýan Burgas şäheri dünýäniň dürli künjeklerinden geljek müňlerçe sungat işgärini hem-de millionlarça tomaşaçyny ýokary derejede kabul etmäge doly taýýarlyk görýär. Bu halkara bäsleşik Bolgariýada ilkinji gezek guralyp, ol döwletara medeni hyzmatdaşlygy ösdürmäge we sungat arkaly dostluk gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga uly goşant goşar.




# TÄZE SANLY MERKEZ DÖREDILER

Gazagystanyň Mangistau sebitinde emeli aň ulgamynda maglumatlary işläp taýýarlaýjy we hasaplaýyş merkezleri üçin ýokary öndürijilikli infrastruktura klasterini döretmek göz öňünde tutulýar. Mangistau welaýatynyň häkimliginiň metbugat gullugynyň habar berşi ýaly, bu toplumyň umumy kuwwaty 500 megawata çenli ýetip biler, deslapky maýa goýum möçberi bolsa 1,4 milliard amerikan dollaryndan gowrak bolar. Toplumyň düzümine maglumatlary gaýtadan işleýän merkezler, gaz



bilen işleýän generatorly desgalar, gaýtadan dikeldilýän energetika çeşmeleri we aragatnaşyk infrastrukturasy girer. Bu hasaplaýyş kuwwatlyklaryny emeli aň modellerini öwretmek, «bulut hyzmatlaryny» ösdürmek hem-de uly möçberli maglumat toplumlaryny seljermek üçin ulanmak meýilleşdirilýär. Şeýle hem telekommunikasiýa infrastrukturasyny ösdürmek hem-de magistral we halkara aragatnaşyk kanallaryna birikmek, ätiýaçdaky optiki-süýümli aragatnaşyk ugurlaryny döretmek, Hazar deňziniň üsti bilen sanly aragatnaşyklary giňeltmek göz öňünde tutulýar.



Sahypany taýýarlan Ýegenmämmet TAÝLYÝEW.

# ÇAGA TERBIÝESINDE ÜNS BERILMELI JÜMLELER

**Çagalaryň terbiýesi örän çylşyrymly we ünsli çemeleşmeli işleriň biri hasaplanýar. Çagalaryň her biriniň häsiýetine laýyklykda gatnaşykda bolmak, doganlaryň arasynda agzybirligini gazanmak maşgala agzalary üçin örän wajypdyr. Ata-eneleriň bilmezlikden ýa-da gaharlanyp aýdan sözleri käte doganlaryň arasynda düşünişmezlige sebäp bolup biler. Maşgalada çagalaryň arasyndaky baglanyşyk, özlerini alyp barşy we birek-birege bolan sylag-hormaty ata-eneleriň terbiýesi hem-de göreldesi esasynda emele gelýär. Käte gowy görlüp aýdylýan sözler soňlugy bilen çagalaryň arasynda bäsdeşlik ýa-da gabanjaňlyk ýaly duýgulary döredip biler. Bu ýagdaýlaryň öňüni almak üçin käbir sözlerden hem-de jümlelerden gaça durmak möhümdir.**



**Doganyňdan görelde al.** Ata-eneleriň aglaba böleginiň ulanýan bu jümlesi soňlugy bilen bäsdeşligiň we gabanjaňlygyň döremegine sebäp bolýar. Hünärmenleriň bellemegine görä, çagany deňeşdirmek, kemsitmek we başga biriniň ýanynda kemçiliklerini aýtmak dogry hasaplanmaýar. Çaga bilen ikiçäk gepleşmek, mylaýym usulda düşündirmek dogry hasaplanýar. Mysal üçin, «Doganyňdan görelde al» däl-de, «Doganyňa seret, ol-a şeýdipdir, senem şeýtseň bolmazmy? Nähili pikir edýäň? Gowy bolarmy?» diýen ýaly çemeleşmeli.

**Doganyňy gowy gör.** Maşgalada bäbejigiň dünýä inmegi bilen doganlaryň arasynda käbir kynçylyklar döräp biler. Esasan hem, gapma-garşylyk duýgusy ösüp, gabanjaňlyk häsiýetleri ýüze çykyp biler. Bu ýagdaýyň öňüni almak üçin çagalaryň hemmesiniň hem öň şular



ýaly kiçijik bäbejik bolandygyny aýtmaly. Käbir gyzykly ýatlamalary gürrüň bermeli. Bäbejigiň hem edil doganlaryna meňzeýändigini (hereketleri, ýüz keşbi) aýdyp, olaryň bilelikde wagt geçirmeklerini gazanmaly. Şeýlelikde, uly doganlary bäbejigiň aladasyny edip ugrarlar. Gün geçdigiçe kiçijik doganlaryny has-da gowy görerler.



**Doganyňa seret.** Maşgalada köplenç doganlaryň ulularyna jigilerine seretmek tabşyrylýar. Bu ýagdaý käbir halatda dogry diýlip bilinýän hem bolsa, çagalara seretmek ata-eneleriň borjy hasaplanýar. Şol sebäpli uly çagalaryň kiçilere seretmegi: iýdirip-içirmegi, gezdirmegi ýa-da egin-eşiklerini ça-



lyşmagy yzygiderli işe öwrülmeli däl. Çagalar buýran işiňi etmäge ýetişen hem bolsa, öz çagalyk dünýäsini ýaşamaly. Olara ýaşyna we ukybyna görä ýerine ýetirip biljek işini ynanmaly, uly adamlaryň wezipesini tabşyryp ýadatmaly däl.



**Sen indi uly, jigiňe beräý.** Ata-eneler tarapyndan köplenç ulanylýan bu jümle soňlugy bilen doganlaryň biri-birini halamazlygyna getirip bilýär. Uly doganynyň öz oýnawajyny, sowgat berlen zadyny, dükandan ýolugra alnyp berlen miwe suwuny ýa-da şokolady jigisine ber diýlip aýdylmagy, mejbur edilmegi ýalňyş hasaplanýar. Bu usuly ulanmak doganlaryň arasynda gapma-garşylykly ýagdaýlary döredip bilýär. Maşgalada her çaganyň öz oýnawajy we şahsy zatlary bolmaly. Şeýle hem çagalara islendik zat deň derejede we öz islegine görä alnyp berilmeli.



**Kim birinji bolar?** Maşgalada doganlary biri-biri bilen ýaryşdyryp, soňra ýeňijini sylaglamak ýalňyş çemeleşme hasaplanýar. Çünki bäsdeşlik çagalary diňe bir oýun däl, duýgy taýdan hem biri-birine gapma-garşy goýýar. Doganlaryň bir bitewi topar bolup ýeňiş gazanmagyny ýola goýmaly. Olaryň biri-birini goldamagyny we agzybir bolmagyny gazanmaly.

**Meniň üçin hemmäňizem deň.** Çagalary biri-birine gapma-garşy goýmazlyk üçin aýdylýan bu jümle her çaga başgaça täsir edip biler. Çünki çagalaryň işjeňligi, başarjaňlygy we zehini deň däl. Bu sözleri eşiden çagalar özünde üýtgeşik zehiniň ýokdugyna düşünip bilerler. Şol sebäpli bu jümlä derek çagalaryň hersiniň öz halaýan ugruny, zehini bolan tarapyny aýdyp, maslahatlar bermek we ugrukdyrmak iň dogrusydyr. Şeýlelikde, çaga özüniň maşgaladaky gymmatyna düşüner, şeýle hem ata-enesine, doganlaryna bolan ynamy artar. Başgaça aýdanyňda, her bir çagany öz bolşunda kabul etmeli we onuň zehinini açmagyna ýardam bermeli.

# GÜNORTA AMERIKANYŇ ÇYGLY ŞÄHERI

**Asmandan bir damja hem ýagyş dammaýar, ýöne daşary çykanyňda, howa şeýle salkyn. «Çöl metropoly» diýlip atlandyrylýan Lima şäheri gurak ýerde ýerleşýändigine garamazdan, özüniň çygly we salkyn howasy bilen hemmeleri haýran galdyrýar. 10 million ilaty bolan bu şäherde ýagyş suwy akar ýaly turbada ýok. Hatda şäherde ýagyşdan goranmak üçin saýawan hem satylýar. Muňa garamazdan, şäherde howanyň çyglylygy 90 göterme çenli ýetýär.**

**Adatça, çöl hakda pikir edilende gyzgyn howa, sary çäge we dury gök asman göz öňüňe gelýär. Ýöne Lima şäherinde bu ýagdaý düýbünden tersine. Çölüň ortarasynda ýerleşýändigine garamazdan, Perunyň paýtagty tutuş ýylyň dowamynda bulutly, çygly we dumanly bolýar. Lima şäherine barýan syýahatçylaryň ünsüni çekýän ilkinji zat howanyň bulutlydygyna garamazdan, ýagşyň ýagmaýanlygydyr.**

**NÄDIP BEÝLE?!**

**Hünärmenleriň bellemegine görä, Günorta polýusdan demirgazyga tarap akýan sowuk Humboldt akymy (Peru**




**akymy) Limanyň kenaryndaky ýyly howa bilen gatlyşanda, deňziň üstünde ägirt uly duman gatlagyny döredýär. Ýerli ilat tarapyndan «garua» diýip atlandyrylýan bu duman Ýuwaş ummanyndan şähere tarap süýşýär. Çygly howanyň massasy uly bolandygy sebäpli, howa göterilip, ýagşa öwrülip bilmeýär. Gaýtam ýere siňip, bug halyna öwrülýär. Bu bolsa şäheriň salkyn we çygly bolmagyna ýardam edýär. Ýuwaş ummany bilen And daglarynyň arasynda ýerleşýän çöl metropolyna başgaça Çal Lima (Lima la Gris) hem diýilýär.**



**2 müň 672 inedördül kilometr meýdany tutýan Limanyň ilaty ýagyşdan däl-de, çygdan goranmak üçin suw geçirmeýän eşikleri geýýärler. Çöl howasydygyna garamazdan, jaýlaryň içinde çyglylyk şeýle ýokary welin, mebelleriň, öý goşlarynyň we ýygnalyp goýlan egin-eşikleriň çyg almagy şäherde iň uly mesele hasaplanýar.**

**Inženerler şäheriň suwaryş ulgamyny ösdürmek hem-de ilaty içimlik suwy bilen üpjün etmek üçin birnäçe taslamany işläp düzýärler. Şäheriň dag eňňitlerinde «duman torlary» diýlip atlandyrylýan ullakan hasa ulanylyp, her gün müňlerçe litr arassa suw alynýar. Howadaky çyglylyk ýukajyk mata siňip, damja görnüşinde ternawa akýar. Taýýar içimlik suwy ullakan çeleklerde ýa-da howdanlarda ýygnalýar. Soňra bolsa ýörite turbalar arkaly şähere ýaýradylýar.**



# SILBO DILI – sygyryp gepleşmek däbi

Ispaniýanyň dik gaýalar bilen gurşalan Gomera adasynyň ýerli halky birnäçe asyrdan bäri sygyryp aragatnaşyk saklap gelýär. Adam aňynyň iň gyzykly çözgütleriniň biri bolan we häzirki wagtda silbo dili hökmünde öňe sürülýän sygyryp gepleşmek däbiniň 500 ýyllyk taryhy bar.

Kanar arhipelagynda ýerleşýän Gomera adasynyň ilaty adanyň çuň jülgeleriniň we wulkan gaýalarynyň arasynda habarlaşmak üçin adaty däl çözgüt tapmalydygyna düşünipdirler. Obalaryň arasynda habar ýetirmek üçin birnäçe sagatdan 1-2 güne çenli wagt gerek bolupdyr. Üstesine-de, beýikli-pesli adada ýöräp gidip-gelmek howply ýagdaýlara getiripdir. Ýerli halk daglarda sesiň aňsatlyk bilen ýitip gidýändigine, sygyrmagyň bolsa, has uzaklara aýdyň ýaýrap bilýändigine göz ýetiripdirler. Şeýlelikde, diňe dem alyş we dodak hereketlerinden emele gelen özboluşly aragatnaşyk ulgamy peýda bolupdyr. Gomera adasynyň ilaty kyn geografik şertlerde ýaşamak üçin sygyrýan dili (silbo) işläp düzüpdir.

Atlantik ummanynyň kenaryndaky bu adanyň ýaşaýjylary geçmişde tokaý ýangyny, howply ýagdaýlar, toý çakylygy ýa-da sürüleriň ýerleşýän ýeri barada özboluşly sesleri ulanyp, biri-birine habar beripdirler. Adaty bolmadyk sesler ýeliň tizligi bilen güýçlenip, 10 esse uzaklyga, 5 kilometre çenli ýetipdir.

Silbo dili heňden ýa-da tötänleýin çykýan seslerden ybarat däl. Aýratyn sözlük gory bolmadyk silbo dili ispan diliniň ses gurluşyna esaslanýar. Ada ýaşaýjylary ispan dilindäki çekimli we çekimsiz sesleri dürli tonlara hem-de ritmlere bölýärler. Dört çekimli we dört çekimsiz sesden ybarat bolan bu amaly gurluşyň kömegi bilen islendik sözi sygyryp aýdyp bolýar.



Silbo dilinde adaty dildäki sözler däl-de, sygyrmak we üflemek arkaly sözleriň ses kodlary ugradylýar. Dilçiler bu dili ulanýanlaryň beýnisiniň adaty gepleşik dilini ulanýan adamlaryňky bilen meňzeşdigini subut etdiler. Beýni şol bir zady pikirlenýär, aňda sözlem düzülenden soň, sözlem geplemek arkaly däl-de, sygyrmak arkaly beýan edilýär.

XX asyryň ahyrynda Ispaniýada öýjükli telefonlaryň ýaýramagy bilen, sygyryp gepleşmek däbi öňküsinden biraz pese gaçdy. 1999-njy ýylda Gomera adasyndaky ähli orta mekdeplerde bu dili öwrenmek bilen bagly sapaklaryň ýola goýlandygyna garamazdan, ýaş nesliň arasynda silbo dilini ulanýanlaryň sany gitdigiçe azalýar. 2009-njy ýylda ÝUNESKO bu özboluşly dili Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizdi. Köpleriň sygyrýan ýa-da üflenýän dil diýip tanaýan silbo dili ispan medeniýetiniň täsinligi hasaplanýar.

# Ekologiýa zyýanly PLASTIK ÖNÜMLER

**1950-nji ýyllarda plastmassa senagat önümçiliginde iň köp işlenilýän önümleriň birine öwrüldi. Häzirki wagtda deňiz kenarlarynda toplanýan galyndylaryň 60 göterimden gowragyny plastmassa önümleri emele getirýär. Her ýyl 350 million tonnadan gowrak plastik galyndy zibile taşlanýar. Soňky ýyllarda ummanlary we tebigaty plastik galyndylardan arassalamak babatda birnäçe maksatnamalar durmuşa geçirilýär. Birnäçe ýurtda bolsa, plastmassa önümleriniň ulanylyşy çäklendirilýär. Käbir ýurtlar plastik önümleri ulanmagy düýbünden gadagan edýär. Eýsem, ekologiýa üçin iň zyýanly plastik önümler haýsylarka?!**

**Suw çüýşesi we plastik turbajyklar.** Dünýäde her ýyl toplanýan hapalaryň, takmynan, 90 göterimini plastik suw gaplary we turbajyklar emele getirýär. Bu galyndylar ummanlara aralaşyp, deňiz jandarlarynyň ekoulgamyna oňaýsyz täsirini ýetirýär. Deňiz jandarlary plastmassa bölejiklerini ýuwudýarlar. Bu bolsa, deňiz jandarlarynyň gyrylmagyna sebäp bolýar.

**Kofe içilýän plastik bulgurlar.** Ekologiýany hapalaýan, iň köp ulanylýan plastik önümleriň sanawynda 3-nji orunda kofe içilýän plastik bulgurlar gelýär. Kofe içmek üçin jäç gaplaryň ulanylýandygyna garamazdan, köp ýurtda bir gezeklik ulanylýan plastik bulgurlar öňdeligi eýeleýär. Maglumatlara görä, ABŞ kofe içilýän plastik bulgurlary iň köp ulanýan ýurt hasaplanýar.

**Plastik diş çotga.** Diş çotgalaryň köpüsi neýlon tüýjagazdan we içinden sim geçýän plastmassa tutawaçdan durýar. Diş çotgasyny senagatda gaýtadan işläp bolmaýar. Şol sebäpli dişimizi arassalamak üçin her gün ulanýan bu enjamymyz ýylyň-ýylyna toplanyp, ekologiýa üçin zyýanly önümleriň birine öwrülýär. Plastik diş çotgasynyň ýerine bambukdan ýasalan ekologiýa taýdan arassa diş çotgasyny ýa-da meswäk ulanyp bolar.



**Plastik torbalar.** Dünýäniň käbir ýurdunda ulanylmagy gadagan edilendigine garamazdan, köp ýurtda her gün millionlarça plastik torba ulanylýar. Önümçilikde birnäçe gezek gaýtadan işlenilip, ýene-de täjirçilik maksatly ulanylyşa goýberilýän plastik torbalar saglyk üçin zyýanly önümleriň biri hasaplanýar. Häzirki wagtda dünýäniň köp ýurdunda täjirçilik maksatly kagyz torbajyklara uly üns berilýär. Şeýle hem köpler nahar salnan gabyň, işdäaçaryň we miweleriň üstüne plastik örtgi (paket) ýapýarlar. Bu bolsa plastik bölejikleriň (nanoplastik) iýmite garyşmagyna getirýär.

**Plastik iýmit gaplary.** Ekologiýa boýunça hünärmenleriň köpüsi «Ilki bilen, plastik iýmit gaplaryndan dynmaly» diýen pikiri öňe sürýärler. Durmuşymyza giňden ornaşan plastik gapda nahar iýýäris, artykmaç iýmiti plastik gaba salyp goýýarys, hatda plastik gapda nahar hem gyzdyrýarys. Saglyk üçin örän howply bolan plastik gaplary öýde ulanyşdan aýyrmak kyn däl. Sebäbi plastik gabyň ornuny tutýan agaçdan, metaldan we farfordan ýasalan gaplar sanardan kän. Hünärmenler zerurlyk bolmadyk halatynda plastik önümleri ulanmazlygy maslahat berýärler.




# DAGYŇ ÜSTÜNDÄKI TEBIGY GÖZELLIK

**Şweýsariýanyň Kanderşteg dag obasynda dünýäniň iň owadan kölleriniň biri ýerleşýär. Bern Alp daglarynyň gaýalarynyň arasyndaky bu köle Eşinen diýilýär. Deňiz derejesinden ortaça 1578 metr belentlikde ýerleşýän Eşinen köli dag gerişleriniň süýşmegi netijesinde emele gelipdir. Kölüň çuňlugy 56 metre, tutýan meýdany 1,1 inedördül kilometre barabar. «Kanderştegiň merjeni» diýlip tanalýan bu köl 2007-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizildi.**

**Şweýsariýanyň iň uly dag köli gündogarda we günortada 3 müň metrlik Frýundenhorn we Doldenhorn daglary bilen gurşalýar. Göm-gök suwly köl howanyň maýlap başlamagy bilen, buzluklaryň eremegi netijesinde suwdan dolýar. Eşinen köli süýji suwly bolup, içmäge ýaramly hasaplanýar. Kölden gözbaş alýan Eşibah dag derýasy Kanderşteg obasynyň ilatyny içimlik suw bilen üpjün edýär.**



**Eşinen köli gaýtalanmajak gözellige eýedir. Bu ýerde syýahatçylar üçin niýetlenen iki myhmanhana, restoranlar, güýmenje we ylgaw meýdançasy bar. Kanderşteg dag obasyndan Eşinen kölüne pyýada ýa-da gondola lifti (ýapyk kabinaly asma ýol) arkaly baryp bolýar. Tomus möwsüminde oba bilen kölüň arasynda elektrikli awtobus hem hyzmat edýär. Kölüň kenarynda beýik dag ýolunda ýöremegi halaýanlar üçin 1800 metr belentlikdäki «Fründenschnur» ýodasy bar. Bu geçelge kölüň daşyndan aýlanyp gezelenç etmäge mümkinçilik berýär. Süýji we sowuk suwy bilen tanalýan Eşinen kölünde tomsuna suwa düşüp bolýar. Şeýle-de gaýykly gezelenç etmek isleýänler üçin kireýine gaýyk hem berilýär.**

**Sowuk sebitde ýerleşýändigine garamazdan, Eşinen köli o diýen doňmaýar. Şol sebäpli gyş paslynyň belli bir aralygynda kölüň üstünde typmaga rugsat berilmeýär. Howanyň sowuklygyna we garyň ýagşyna görä, kölüň üstünde buzly meýdançalar açylýar. 2020-nji ýyldan bäri kölüň gyrasyndaky gezelenç etmek üçin niýetlenen ýoda dagdan gaýdýan daş düşmeleri sebäpli doly ýapyldy. Eşinen kölüne her ýyl ýüz müňden gowrak syýahatçy barýar.**

# Iň ýeňil agaç



Günorta Amerikada ösdürilip ýetişdirilýän balsa agajy dünýäde iň ýeňil agaç hasaplanýar. Hemişe ýaşyl öwsüp oturan bu agaja ylmy dilde «Ochroma» diýilýär. Örän çalt ösýän agajyň boýy 27-30 metre çenli ýetýär. Iň ýeňil täjirçilik agajy hökmünde peýdalanylýan balsa agajynyň esasy bölegi – 90 göterimi Ekwadorda ösdürilip ýetişdirilýär. Agajyň bu görnüşi ekoulgamy çalt dikeltmekde we tokaý döretmekde uly ähmiýete eýedir. Käbir ýerde bezeg hem-de kölege hökmünde ekilýän balsa kölleriň ýakasynda, ekin bitmeýän ýerlerde hem ösýär. 7 ýylyň içinde 20 metr beýiklige çenli ösýän balsa agajy 30-40 ýyl ýaşaýar. 3-4 ýylda gülläp ugrap, köpelmek üçin tohumlary ýere dökülip ugraýar. Bu agaja başgaça, ohroma, balza hem diýilýär.

Balsa agajyny 8-9 ýyldan soň kesip ulanmaly bolýar. Sebäbi agaç ýaşy ulaldygyça içini iýip, zaýalanyp başlaýar. Agajyň howa bilen doldurylan öýjükleri dykyzlygy azaldýar. Bu bolsa agajyň has ýeňil bolmagyna getirýär. Dünýäniň iň ýeňil täjirçilik agajynyň dykyzlygy 40-dan 160 $kg/m^3$-a çenli bolýar. Agajyň kesilip guradylan ullakan bölegini hem aňsatlyk bilen göterip äkidip bolýar. Ýelek ýaly ýeňil bu material özünden 2-3 esse agyrlyga döz gelip, dürli howa şertlerinde durkuny üýtgetmezden, uzak ýyllap saklanyp bilýär. Balsa öýleri izolýasiýa etmekde, suwda ýüzýän enjamlary, halas ediş sowutlary, sýorfing tagtalaryny ýasamakda, gämi, gaýyk, uçar üçin zerur gurnamalary düzmekde, kagyz önümçiliginde, elektrik energiýasy üçin gorag gutusy hökmünde, diş arassalaýan çöpleri, doňdurma taýajyklaryny öndürmekde ulanylýar. Agajyň köki, ýapragy we gülleri dermanlyk maksady bilen peýdalanylýar. Gabygy bolsa süýüm hökmünde peýdalanyp, mata we halta tikmekde ulanylýar.



Sahypany taýýarlan Sumbar ALYŞIROW.

# POLŞANYŇ EGRI AGAÇLY TOKAÝY



Polşanyň Gryfino şäherinden, takmynan, 40 kilometr uzaklykda ösýän egri agaçlar iň täsin tebigy hadysalaryň biri hasaplanýar. «Egri tokaý» (Krzywy Las) ady bilen tanalýan bu ýerde 400 düýp sosna agajy ösýär. 1930-njy ýyllarda ekilen bu agaçlaryň ýerden ýokary galýan böleginde 90 graduslyk egrilik bar.

Ilkibaşda fantastik filmlerdäki ýaly görünýän egri tokaýyň içine girip gezelenç edeniňde, agaçlaryň gaýtalanmajak täsinlikdigine göz ýetirýärsiň. Ýerden çykan badyna egrelip, 1-3 metrlik aýlawy emele getirýän bu agaçlar ýene-de dik ýokarlygyna göni ösýär. Egri tarapy demirgazyga tarap seredýän gyşyk agaçlar adaty sosna tokaýlygynyň ortarasynda ýerleşýär.

### NÄDIP EMELE GELIPDIR?

Köpler agaçlaryň egriligini adamlar tarapyndan ekilendigi bilen baglanyşdyrýan bolsalar, kimler munuň tebigy ýagdaýda emele gelendigini belleýärler. Tebigaty öwrenijileriň bellemegine görä, agaçlaryň adaty bolmadyk görnüşi tebigy mutasiýa bilen bagly däl. Esasy seljermelerde sosna agaçlarynyň 1930-njy ýyllarda daýhanlar tarapyndan mebel we gaýyk ýasamak üçin emeli ýagdaýda egri görnüşe getirilendigi bellenilýär. Şol ýyllardaky meýilnama görä, ýaş nahallaryň göwdesi mehanik gurallar bilen egilip, ýörite dizaýn işleri (gaýyk, oba hojalyk guraly, öý esbaby) üçin çig mal hökmünde ulanylmalydy. Ýöne Ikinji jahan urşunyň başlanmagy bilen bu ýer terk edilýär we egri agaçlar ýatdan çykarylýar.

Alymlaryň başga bir topary agaçlaryň adamlar tarapyndan egri görnüşe getirilendigini ýeke-täk delil hasaplamaýarlar. Beýleki çaklamalara görä, garyň uzak wagtlap syrgynlap (güýçli ýel bilen ýagýan gar) ýagmagy bilen ýaş sosna nahallary ezilip, soňra ýene-de ýokary ösmegi arkaly şeýle görnüş emele gelipdir. Başga bir çaklamada bolsa bu sebitdäki grawitasiýa güýjüniň (jisimleriň bir-birini çekiş güýji) muňa sebäp bolandygy öňe sürülýär.

Bir asyra golaý wagt geçendigine garamazdan, Polşadaky egri tokaýyň nädip emele gelendigi syr bolmagynda galýar. Sebäbi birnäçe barlagyň geçirilendigine garamazdan, häzire çenli anyk subutnama tapylmady. Bu agaçlaryň bir asyra golaý wagtdan bäri egri görnüşde sagdyn ösmegi tebigatyň özboluşly uýgunlaşma güýji hasaplanýar. Ählisi bir tarapa egrelip duran ýarym Aý görnüşli agaçlar köpleri haýran galdyrmagyny dowam edýär.

# Bütindünýä fotosurat güni



**Her ýylyň 19-njy awgustynda Bütindünýä fotosurat güni bellenilýär. Bu ýyl «Öý» (Home) temasy astynda geçirilýän bu sene mynasybetli muzeýlerde, sungat, kino we telewideniýe institutlarynda fotosurat sergileri hem-de bäsleşikler geçirilýär. Bütindünýä fotosurat gününiň geçirilmeginiň esasy maksady ýaş fotosuratçylary we sungaty söýüjileri höweslendirmekden, öz garaýyşlaryny beýan etmeklerini gazanmakdan ybarat.**

### FOTOSURAT BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR

- 1826-njy ýylda Nisefor Nýeps oýlap tapan enjamy arkaly kümüş hlorid bilen örtülen kagyzyň ýüzünde suratly şekili döredýär. Bu ilkinji fotosurat hasaplanýar.
- Tomas Isterli atly suratçy 1847-nji ýylda ilkinji gezek tebigy hadysany – ýyldyrymy surata düşürýär.
- 1861-nji ýylda şotland fizigi Jeýms Klerk Makswell ak-gara fotosuraty 3 sany süzgüçden (filtr) geçirip, reňkli fotosuraty almagy başarýar.
- 1877-nji ýylda iňlis suratçysy Edward Meýbrij 12 sany fotoenjamy hatarlap goýup, çapyp barýan aty surata düşürýär. Olary birleşdirip, yzly-yzyna görkezmek arkaly ilkinji animasiýany döredýär.
- Ilkinji suwasty fotosurat guwwas Lui  Botan tarapyndan 1893-nji ýylda düşürilýär.
- Howadan alnan ilkinji reňkli fotosurat (Azatlyk heýkeli) 1930-njy ýylda düşürilýär.
- Kosmosda alnan ilkinji fotosurat «Sputnik» kosmos gämisine degişli bolup, ol geçen asyryň ortalarynda düşürilýär.
- 1968-nji ýylda Amerikanyň «Apollo 8» älem gämisiniň kosmos giňişliginden planetamyzy surata düşürmegi arkaly Ýer ýüzüniň ilkinji şekili alynýar .
- 2005-nji ýylda Gün ulgamy ilkinji gezek tutuşlygyna surata düşürilýär.

# BRAZIL ÜZÜMI

Braziliýanyň Minas-Žeraýs, Goýas we San-Paulu ştatlarynda ösýän jabotikaba täsin miweleriň biri hasaplanýar. Muskat üzümine meňzeýändigi üçin bu miwä «brazil üzümi» hem diýilýär. Ylmy dilde «Plinia cauliflora» diýlip atlandyrylýan garamtyl-gyzgylt miwe agajynyň göni göwdesinden çykýandygy bilen tapawutlanýar. Kiçijik baldagy ýa-da sapajygy bolmadyk brazil üzümi agajyň uly baldagyna ýapyşyp durýar. Üzüme meňzeş garaja miwäni Braziliýanyň ýerli ýaşaýjylary bolan tupi halky «jabotikaba» diýip atlandyrypdyr. Bu söz tupi dilinden terjime edilende, «başga ýer» diýmegi aňladýar.

Ýygnalandan soň 3-4 gün saklanýan bu miwäni uzak ýola äkitmek örän kyn. Sebäbi miwe suwludygy hem-de baldagy bolmandygy sebäpli, şiresi akyp, çalt zaýalanýar. Ululygy ortaça 0,5-4 santimetre çenli ýetýän togalak miwäniň 1-5 sany kiçijik çigidi bolýar. Miwäni çigidi bilen bile iýip bolýar. Gabygy turşy, etli bölegi örän suwly we süýji bolýan brazil üzümi täze ýyglan wagty çigligine iýilýär. Witaminlere baý süýji miweden terligine iýilmek bilen bir hatarda, jem, žele, kokteýl, şerbet we dürli süýji içgiler taýýarlanylýar. Miwäniň ýakymly ysly gabygyndan taýýarlanylýan çaý aýratyn lezzete eýedir. Başgaça «ýapraksyz miwe» diýilýän brazil üzümi ýylyň dowamynda 2-3 hepde elýeterli bolýar.

Subtropik howada ösýän jabotikaba agajynyň gabygy galyň we tikenli bolýar. Agajyň miwe bermegi üçin 6-8 ýyla çenli wagt gerek bolýar. Hemişe ýaşyl öwsüp oturan agajyň boýy 3-13 metre çenli ýetýär. Bu agajy ilkinji gezek synlanyňda, göwresine gara monjuklar ýapyşdyrylyp goýlana meňzeýär. Jabotikaba agajy bir ýylyň dowamynda 5-6 gezek miwe berýär. Gara üzümler 30-45 gün aralygynda ýetişýär. Hasyl almak üçin iň gyzgalaňly möwsüm mart-sentýabr aýlary aralygydyr. Jabotikaba agajynyň



her düýbi 45-50 kilograma çenli hasyl getirýär. Ýetişen hasyl el bilen ýa-da aşagyna brezent ýazyp, silkmek arkaly ýygnalýar.

Dünýäde brazil üzüminiň birnäçe sorty ösdürilip ýetişdirilýär. Şolaryň iň meşhury sabara bolup, iri hem-de has süýji bolýar. Jabotikaba, esasan, Günorta Amerika ýurtlarynda iýilýär. Her ýyl Sabara şäherinde jabotikaba festiwaly geçirilýär. 1987-nji ýyldan gözbaş alýan bu festiwal mynasybetli brazil üzüminiň sergisi guralýar. 150 müňden gowrak myhmanyň gatnaşmagynda geçýän jabotikaba festiwaly ýerli we daşary ýurtly syýahatçylary çekmekde möhüm çäre hasaplanýar.

## Iki suratyň arasynda näçe tapawut bar?!



## Labirint



## Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



## Gyzykly pursat








## 40-njy KROSSWORD

**DIKLIGINE:** **1.** Günorta Amerikada bir döwlet. **2.** Daşlyk ýerde ösýän ajy dermanlyk ösümlik. **3.** Ispaniýanyň uzak taryha eýe bolan meşhur we owadan şäherleriniň biri. **4.** Pes boýly at. **5.** Gemriji jandar. **6.** Ýer ýüzüniň iň beýik dag depesi. **7.** Türgenleşik enjamy. **8.** Gulaklary ýapýan ýyly telpek. **15.** Kislorodsyz fermentasiýa usuly arkaly taýýarlanýan saglyga peýdaly ýapon çaýy. **19.** Gyz ady. **20.** Ýagtylyk, şöhle. **21.** Gawundan taýýarlanýan önüm. **22.** Pasyllaryň biri. **23.** Ýuwulmaly eşikler. **24.** Saç guradylýan elektrik enjam. **25.** «Ýag» sözüniň iňlisçesi. **26.** Hökümdaryň dabaraly başgaby. **30.** Kanunsyz häkimiýet. **31.** Tok geçiriji metal sim. **32.** Suratkeşleriň, heýkeltaraşlaryň we binagärleriň döreden sungat nusgalary. **34.** Garganyň bir görnüşi. **35.** Ýaz paslynyň ýaňy başlan döwri. **36.** Aşgazanyň nemli gabygynyň çişmegi. **38.** Ilkinji okuw kitaby. **41.** Welaýatyň çägindäki dolandyryş birligi. **42.** «Paýhasly» sözüniň antonimi.

**KESELIGINE:** **4.** Suwuň ortasyndaky gury ýer. **9.** Maýmynyň bir görnüşi. **10.** Meşhur iňlis futbol kluby. **11.** Gereginden artyk. **12.** Türkmenistandaky iri gaz käni. **13.** Kömür turşusynyň orta duzlary. **14.** Özüňden uly erkek dogan. **16.** Saglyga peýdaly ekzotik miwe. **17.** Stoluň gyrasyna berkidilip, agzyna bejerilýän önüm gapjadylyp işlenýän ussaçylyk guraly. **18.** Biriniň daş görnüşi. **19.** Görejiň görşüni gowulandyrmak ýa-da ýiti ýagtylykdan goramak üçin göze dakylýan enjam. **24.** Bir zadyň öňki bölegi. **27.** Hijri senenamasynyň ilkinji aýy. **28.** «Nowruz geldi bu gije,/Gyzlar atarlar ...» (monjugatdydan). **29.** Ýurdumyzda bir derýa. **33.** Çäresiz, mätäç. **37.** Bir zadyň ýokarky tarapy. **39.** Angliýanyň futbol topary. **40.** Ýurdumyzdaky şypahanalaryň biri. **41.** Senenama hasaby. **43.** Käbir ýokary okuw mekdepleriniň we ylmy edaralaryň ady. **44.** Ýylanyň bir görnüşi. **45.** Kompýuterleriň we beýleki elektron enjamlaryň operatiw ýady. **46.** Adamyň başyndan geçirýän, adatdan daşary şatlyk, ruhubelentlik duýgusy. **47.** Hormat bilen ýüzlenilip aýdylýan söz. **48.** Içinde maňzy bolmadyk, içi boş.









Sahypany taýýarlan Täjigözel BÄŞIMOWA.

# 4 oýunda 8 gol hasaba alyndy

**Futbol boýunça Türkmenistanyň Ýokary Ligasynda 16-njy tapgyryň duşuşyklary geçirildi. 4 duşuşykda 2 dürli netije hasaba alnyp, jemi 8 gol derwezelere girizildi.**



Sanawyň lideri «Arkadag» topary öz meýdançasynda «Ahal» topary bilen duşuşyp, 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. Eýýäm 4-nji we 8-nji minutlarda Didar Durdyýewiň hem-de Ahmet Ataýewiň gollary bilen öňe geçen «Arkadag» toparynyň derwezesinden «Ahal» toparynyň ýeke-täk pökgüsini 23-nji minutda Ýolmämmet Garajaýew girizdi.

Şeýle netije paýtagt derbisinde, «Köpetdag» – «Altyn Asyr» duşuşygynda hem hasaba alyndy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda «Köpetdag» topary Arslan Saparowyň 19-njy minutdaky goly bilen öňe geçse-de, olara üstünligini saklamak başartmady. 45+1-nji minutda Röwşengeldi Halmämmedow hasaby deňlese, 68-nji minutda Baýramgeldi Gulmaýew «Altyn Asyr» toparyna ýeňiş getiren goly geçirdi.

«Aşgabat» bilen «Şagadamyň» arasyndaky oýunda ýeňijini ýeke-täk gol kesgitledi. Şol goly-da paýtagtlylaryň oýunçysy Merdan Muhadow 59-njy minutda öz adyna ýazdyrdy.

«Merw» bilen «Nebitçiniň» arasyndaky duşuşykda-da ýeke gol derwezä girizildi. Duşuşykda myhmançylykdaky «Nebitçi» topary Akmämmet Metdäýewiň 45+1-nji minutda salan goly bilen 1–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi.

**TÜRKMENISTANYŇ MILLI ÇEMPIONATY**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | GOL | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | «ARKADAG» | 16 | 16 | 0 | 0 | 67-8 | 48 |
| 2 | «ALTYN ASYR» | 16 | 11 | 2 | 3 | 32-19 | 35 |
| 3 | «AHAL» | 16 | 10 | 3 | 3 | 37-8 | 33 |
| 4 | «NEBITÇI» | 16 | 5 | 2 | 9 | 11-25 | 17 |
| 5 | «MERW» | 16 | 4 | 2 | 10 | 17-44 | 14 |
| 6 | «AŞGABAT» | 16 | 4 | 1 | 11 | 19-35 | 13 |
| 7 | «ŞAGADAM» | 16 | 3 | 4 | 9 | 12-23 | 13 |
| 8 | «KÖPETDAG» | 16 | 3 | 2 | 11 | 15-38 | 11 |

# «ARKADAG» TOPARY AFK ÇEMPIONLAR LIGASY 2-de «B» TOPARÇADA ÇYKYŞ EDER



**AFK Çempionlar Ligasy 2 ýaryşynda täze möwsümiň toparçalarynyň bijeleri çekildi. Ýurdumyzyň adyndan wekilçilik edýän «Arkadag» topary «B» toparça düşdi.**

«Arkadag» topary deslapky tapgyrda Hindistanyň «Goa» toparyny 3–0 hasabynda ýeňip, bassyr 2-nji gezek ýaryşyň toparçalaýyn tapgyrynda çykyş etmäge hukuk gazanypdy.

Türkmenistanyň çempiony «B» toparçada BAE-niň «Al-Jazira», Eýranyň «Gol Gohar» hem-de Bahreýniň «Al-Muharrak» toparlary bilen duşuşar. Toparlaryň hersi özara öz meýdançasynda hem-de myhmançylykda duşuşyp, jemi 6 oýnuň netijesinde iň köp utugy toplan 2 topar ýaryşy dowam eder.

Toparçalardaky duşuşyklar 15-nji sentýabrda başlap, 9-njy dekabrda tamamlanar.

**Günbatar sebiti**

**«A»:** «Al-Wahda» (BAE), «Nasaf» (Özbegistan), «Al-Kuwait» (Kuweýt), «Al-Haldiýa» (Bahreýn)

**«B»:** «Al-Jazira» (BAE), «Gol Gohar» (Eýran), «Al-Muharrak» (Bahreýn), «Arkadag» (Türkmenistan)

**«C»:** «Al-Tawun» (Saud Arabystany), «Al-Raýýan» (Katar), «Al-Faýsaly» (Iordaniýa), «Al-Nahda» (Oman)

**«D»:** «Al-Hussein» (Iordaniýa), «Al-Şorta» (Yrak), «Al-Sib» (Oman), «Ist Bengal» (Hindistan)

**Gündogar sebiti**

**«E»:** «FK Seul» (Günorta Koreýa), «Melburn Wiktori» (Awstraliýa), «Te Kong-Wettel» (Wýetnam), «Persib» (Indoneziýa)/«Manila Digger» (Filippinler)

**«F»:** «Adelaid Ýunaýted» (Awstraliýa), «BG Pathum Ýunaýted» (Tailand), «Lion Siti Seýlors» (Singapur), «Tai Po» (Gonkong)

**«G»:** «Maçida Zelwia» (Ýaponiýa), «Şanhaý Şenhua» (Hytaý), «PKR Swaý Rieng» (Kamboja), «Tampines Rowers» (Singapur)

**«H»:** «Ganwun FK» (Günorta Koreýa), «Kuçing Siti» (Malaýziýa), «Kitçi» (Gonkong), «Pnompen Krawn» (Kamboja).





# Torontoda Şwentek, Monrealda Şelton

**Kanadanyň Toronto şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen baýrak gaznasy 7,4 million dollarlyk «WTA 1000» ýaryşynda polşaly Iga Şwentek ýeňiji boldy. Ol 1 sagat 15 minutda tamamlanan finalda gazagystanly Ýelena Rybakinany 2 setiň dowamynda 6:2 we 6:3 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň şu ýyla geçip ilkinji çempionlygy boldy. Umumylykda, WTA-nyň ýaryşlarynda 26-njy kubogyny gazanan 25 ýaşyndaky Şwentek «WTA 1000» bäsleşiklerinde 12-nji çempionlygyny baýram etdi. Şwentek «WTA 1000» ýaryşlarynda finala çykyp, diňe 2 gezek ýeňildi.**

**Kanadanyň Monreal şäherinde geçirilen erkekleriň arasyndaky 9 million dollarlyk baýrak gaznasy bolan «ATP 1000» («Masters») ýaryşynda çempion üýtgemedi. Geçen ýylyň ýeňijisi, amerikaly Ben Şelton bu gezegem çempionlygyny goramagy başardy. Ol 1 sagat 27 minutlap dowam eden finalda watandaşy Brendon Nakaşimadan 6:3 we 7:6 hasaplar bilen üstün çykdy. 23 ýaşyndaky tennisçi şu ýylky 4-nji, karýerasy boýunça-da 7-nji ATP çempionlygyny gazandy. Şelton geçen ýyl bu ýerde russiýaly Karen Haçanowy ýeňipdi.**




# «Arsenal» kubok bilen başlaýar

Angliýanyň Super Kubogy bolan «FA Community Shield» duşuşygynda çempion «Arsenal» ýeňiş gazandy. Londondaky «Wembley» stadionynda oýnalan oýunda «Arsenal» FA Kubogynyň eýesi «Mançester Siti» bilen duşuşdy. Londonlylaryň artykmaçlygynda geçen oýunda «Arsenal» 3–0 hasabynda ýeňşini baýram etdi. Topçulara ýeňiş getiren gollary 1-nji minutda Rikkardo Kalafiori, 28-nji minutda Kai Hawerts hem-de 48-nji minutda Martin Edegor derweзä girizdi.

Şeýlelikde, 104-nji gezek geçirilen «FA Community Shield» duşuşygynda «Arsenal» topary 18-nji sapar kubogy eýeledi. Olar bu ugurda 21 kubokly «Mançester Ýunaýtedden» soň 2-nji orunda barýar. «Liwerpul» 16 kubok bilen 3-nji orny eýeleýär. «Arsenal» 7 gezegem kubogy garşydaşlaryna aldyrypdy.

Bu kubogy 7 gezek asmana göteren «Mançester Siti» topary 10-njy sapar ýeňlişe sezewar boldy. Şäherliler bu statistika boýunça «Mançester Ýunaýted» bilen deňleşdi.

# Taryhynda ilkinji gezek Super Kubogy eýeledi

**Fransiýanyň Super Kubogy (Trophee des Champions) duşuşygynda çempion PSŽ bilen ýurduň kubogyny gazanan «Lans» toparlary duşuşdy. Lans şäherindäki «Stade Bollaert-Delelis»-de oýnalan oýun 1–0 hasabynda ýer eýeleriniň peýdasyna tamamlandy. «Lans» toparyna ýeňiş getiren ýeke-täk goly 32-nji minutda Florian Towen geçirdi. Oýnuň 39-njy minutynda meýdançada 1 oýunçy kem galan «Lans» topary duşuşygyň soňuna çenli berk goranmagy başardy. Ýyldyzlary bilen hüjüm baryny eden PSŽ toparyna hasaby deňlemek ýa-da öňe geçmek başartmady. Netijede, «Lans» topary 120 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek Fransiýanyň Super Kubogyny gazandy. Olar 1998-nji ýylda PSŽ-den 1-0 hasabynda utulypdy.**



**Bu duşuşykdan 4 gün öň UEFA Super Kubogyny gazanan PSŽ toparyna bassyr 5-nji, umumylykda-da 15-nji gezek Fransiýanyň Super Kubogyny eýelemek miýesser etmedi. PSŽ Fransiýanyň Kubogy duşuşyklarynda 6-njy gezek ýeňlişe sezewar boldy.**




| | |
|---|---|
| **21-nji awgust (anna)** | |
| Arsenal – Kowentri (00:00) | |
| Betis – R. Sosiedad (00:00) | |
| **22-nji awgust (şenbe)** | |
| Hall – M. Ýunaýted (16:30) | |
| **Brentford – Tottenham (21:30)** | |
| Monza – Inter (21:30) | |
| SSKA – Lokomotiw (22:30) | |
| **Borussiýa D – Bawariýa (23:30)** | |
| Jenoa – Napoli (23:45) | |
| **Espanýol – Real Madrid (00:30)** | |
| **23-nji awgust (ýekşenbe)** | |
| Man. Siti – Bornmut (18:00) | |
| Braýton – Aston Willa (18:00) | |
| **Atletiko – Wilýarreal (20:00)** | |
| **Nýukasl – Liwerpul (20:30)** | |
| Frozinone – Ýuwentus (21:30) | |
| **Spartak – Zenit (22:00)** | |
| Torino – Milan (23:45) | |
| PSŽ – Renn (23:45) | |
| **Elçe – Barselona (00:30)** | |
| **24-nji awgust (duşenbe)** | |
| **Roma – Fiorentina (23:45)** | |
| Fulham – Çelsi (00:00) | |

# «Premier Liganyň» 35-nji möwsümi




Dünýäniň iň gowy görülýän milli ligasy bolan Angliýanyň «Premier Ligasynyň» täze möwsümi şu gije çempion «Arsenal» bilen «Kowentri Sitiniň» arasyndaky duşuşyk bilen başlanar (00:00). Bu möwsüm «Premier Liganyň» 35-nji, umumylykda iňlis futbolynyň iň ýokary ligasynyň 128-nji möwsümi bolar.

**Soňky 10 ýylda Guardiolasyz ilkinji möwsüm**

● «Premier Liga» soňky 10 ýylda möwsüme ilkinji gezek Pep Guardiolasyz başlar. Ispaniýaly hünärmen «Mançester Sitidäki» wezipesini taşlapdy, has takygy, täze şertnama baglaşmandy. APL-de täze möwsüme 9 klub tälimçi çalşygy bilen başlar. Ýagny 9 topar geçen möwsümdäki tälimçileri bilen başlamaz. Tälimçi çalşan klublaryň sany mundan öň 9-a ýetmändi.

**17 tälimçi daşary ýurtly hünärmenler**

● Häzirki wagtda 20 klubuň 17-siniň tälimçisi daşary ýurtly hünärmenler bolup, diňe 3 topara iňlisler tälim berýär (Frank Lampard, Gari O'Nil, Maýkl Kerrik). Daşary ýurtly 17 tälimçiniň 5-si Ispaniýadan, 4-si Germaniýadan, 2-si Italiýadan, 2-si Fransiýadan bolup, Bosniýadan, Irlandiýadan, Şotlandiýadan hem-de Awstriýadan 1 tälimçi wekilçilik edýär.

**Täze gelenler**

● Frank Lampardyň tälimçiligindäki «Kowentri Siti» 25 ýyldan soň «Premier Liga» gaýdyp geldi. «Ipswiç Tawn» 1 ýyllyk arakesmeden soň ýene ýokary liga dolanan bolsa, «Hall Siti» 8 ýyldan soň «Premier Ligada» çykyş eder. Geçen möwsümiň ahyrynda «West Hamyň» 14, «Wulwerhemptonyň» 8 ýyldan soň 2-nji liga düşmegi bilen Angliýanyň iň uly ligasynda, ýagny 1888-nji ýyldan bäri ilkinji gezek ady «W» harpy bilen başlanýan topar çykyş etmez. Täze möwsümde VAR bilen baglanyşykly kiçeňräk täzelikler hem giriziler.




Çempionatyň ady Angliýanyň «Premier Ligasy» hem bolsa, klublaryň eýelerine seredeniňde ABŞ-nyň ligasyny ýadyňa salýar. 20 klubuň 11-si amerikan işewürleriniň eýeçiligindedir. 4 klubuň eýesi angliýaly bolup, 5 klubuň eýesi-de saud arabystanyly, BAE-li, gresiýaly, türkiýeli, uelsli işewürlerdir.

● **ARSENAL.** Mikel Artetanyň tälimçiligindäki «Arsenal» çempionlygyň birinji derejeli dalaşgäri hasaplanýar. Möwsüme Super Kubogyň ýeňşi bilen başlaýan «Arsenal» Trossardy, Norgory ugradyp, Ilan Melieni, Krists Solisi hem-de Bruno Gimaraýesi düzümine goşdy. Çempionlygyny goramak isleýän «Arsenal» Çempionlar Ligasynda geçen möwsümdäki finalyň öwezini ýeňiş bilen dolmak isleýär.

● **LIWERPUL.** Arne Sloty wezipesinden boşadyp, ornuna Andoni Iraloany tälimçilige bellän «Liwerpuldan» Konate, Salah, Robertson dagy giden oýunçylar boldy. Žeremi Jake bilen Wiktor Munýosy transfer eden Liwerpul Isak, Ekitike, Mak Allister, Wirts, Soboslai, Wan Deýk, Frimpong, Gakpo ýaly ýyldyzlaryna bil baglaýar.



● **MANÇESTER SITI.** Iňlis futbolynyň soňky 10 ýylynda uly yz galdyran Pep Guardiolasyz ilkinji möwsüminde çempionlyga garaşýanlaryň sany ozalkylardan azrak hasaplanýar. Enzo Mareskany tälimçilige bellän «Mançester Sitiniň» esasy oýunçysy Rodri «Barselona» transfer boldy. Onuň ornuna Elliot Andersona dünýäniň pulunу tölän «Mançester Siti» toparyndan Bernardo Silwa, Ake, Jon Stounz, Tijjani Reýnders ýaly oýunçylar hem başga klublara geçdi. Hollan, Doku, Foden, Gwardiol, Şerki, Semenýo, Marmuş, Gehi, Husanow dagy jankoýerleriň esasy bil baglaýan oýunçylary bolar.

● **MANÇESTER ÝUNAÝTED.** Maýkl Kerrigiň tälimçiliginde geçen möwsümi öňdäki 4-lükde tamamlan «Mançester Ýunaýted» hem çempionlygyň dalaşgärleriniň biri diýlip görkezilýär. Andreý Santosy, Ýuri Tilemansy transfer eden «Mançester Ýunaýtedden» Kazemiro başga topara giden esasy oýunçy boldy.

● **ÇELSI.** Habi Alonsony wezipä bellän «Çelsi» ýene-de transfer möwsüminiň iň köp alyş-çalyş eden kluby bolmagyny dowam edýär. Rojers, Emegha, Palestra, Welbek, Henderson ýaly jemi 10 futbolçyny düzümine goşan «Çelsiden» Kukurelýa, Çalobah, Andreý Santos dagy başga toparlara geçdi. Ýene-de birnäçe futbolçysyny başga klublara ugratmagyna garaşylýan «Çelsi» täze tälimçisine hem-de düzümindäki käbir ýyldyz oýunçylaryna bil baglaýar.

● **TOTTENHAM.** Soňky 2 möwsümde kynlyk bilen ligada galmagy başaran «Tottenham» topary transferiň iň işjeň klublarynyň biri bolmagyny dowam edýär. Tonalini 100, Mateuş Fernandeşi 85, Ýan Pol wan Hekeni 52 million funt sterlinge transfer eden londonlylar täze möwsüme italiýaly hünärmen Roberto De Zerbiniň tälimçiliginde güýçli taýýarlyk görýär. Topar Dubrawka, Endi Robertson, Marko Senesi ýaly oýunçylary hem düzümine goşup, Luka Wuşkowiçi, Kristian Romerony, Džed Spensi başga toparlara ugratdy.

● **ASTON WILLA.** Ussat tälimçi Unaý Emeriniň tälimçiliginde geçen möwsümde Ýewropa Ligasynyň çempionlygyny gazanan birmingemliler şu tomusda ençeme ýyldyzyny saklap bilmedi. Rojers, Tilemans, Din ýaly futbolçylar başga toparlara geçip, Manzambi, Suzuki, Ruggeri, Žoao Gomes, Garnaço toparyň täze oýunçylary boldy.

**«Liwerpul» bilen «Mançester Ýunaýted»**

● Angliýanyň çempionaty 1888-1992-nji ýyllar, ýagny Birinji diwizion hem-de 1992-nji ýyldan bäri – «Premier Liga» diýlip 2-ä bölünýär. Köp statistika boýunça «Premier Liga» döwri hasaba alynsa-da, çempionlyklar öňki döwri öz içine alýar.

Umuman, Angliýanyň iň ýokary ligasynda şu wagta çenli 24 kluba çempionlyk gazanmak başartdy. Bu görkeziji diňe «Premier Ligany» hasaba alanyňda, 7-ä deňdir. «Liwerpul» bilen «Mançester Ýunaýtediň» 20, «Arsenalyň» 14, «Mançester Sitiniň» 10 çempionlygy bar. «Ewerton» 9, «Aston Willa» 7, «Sanderland» bilen «Çelsi» 6, «Şeffild Wednezdeý», «Nýukasl» 4, «Bläkbörn Rowers», «Haddersfild Tawn», «Wulwerhempton», «Lids Ýunaýted» 3, ilkinji 2 möwsümde ýeňiş gazanan «Preston Nort End», «Börnli», «Portsmut», «Tottenham», «Derbi Kaunti» 2, «Şeffild Ýunaýted», «West Bromwiç», «Ipswiç Tawn», «Nottingam Forest», «Lester Siti» 1 gezek çempion bolmagy başardy.



**Jeýms Milner hem-de Alan Şirer**

● «Premier Ligada» (1992-nji ýyldan bäri) iň köp duşuşyk geçiren futbolçy Jeýms Milner bolup, geçen maý aýynda 24 möwsümden soň karýerasyny 658 oýun bilen tamamlady. Garet Berri 653, Raýan Giggs 632, Frank Lampard 609 oýun bilen öňdäki orunlary eýeleýärler. «Premier Ligada» iň köp gol geçiren futbolçylaryň sanawynda 260 gezek tapawutlanan Alan Şirer sanawyň başyny çekýär. Harri Keýn 213, Weýn Runi 208, geçen möwsüm APL bilen hoşlaşan Mohamed Salah 193, Endi Koul 187, Serhio Aguero 184, Frank Lampard 177, Tierri Anri 175 gol geçirdi.

**«Ewerton» öňde barýar**

● Angliýanyň ýokary ligasynyň 128-nji möwsümi bolup, şolaryň ählisinde çykyş eden klub ýok. «Ewerton» topary 124 möwsüm bilen ep-esli öňde barýar. «Aston Willa» 113 möwsüm bilen 2-nji ýeri eýelese, «Liwerpul» 112-nji möwsümini geçirer. 107 möwsümden bäri aşaky liga düşmän gelýän we bu ugurda iňlis klublarynyň arasyndaky rekordyň eýesi bolan «Arsenal» 110-njy möwsümine başlar. 100-den geçen iň soňky topar «Mançester Ýunaýted» bolup, olar 102-nji möwsümini geçirerler. «Mançester Siti» bolsa şundan başga-da 2 möwsüm çykyş etse, olaryňky hem 100-e ýeter. Diňe «Premier Ligany» hasaba alanyňda, jemi 51 topar çykyş etdi. Şolaryň 6-sy «Premier Liganyň» mundan öňki 34 möwsümine hem gatnaşdy («Arsenal», «Çelsi», «Tottenham», «Mançester Ýunaýted», «Ewerton», «Liwerpul»).

| KLUBLAR | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|
| Arsenal (London) | Emirates Stadium — 60 704 | Mikel Arteta (Ispaniýa) |
| Aston Willa (Birmingem) | Villa Park — 37 000 | Unaý Emeri (Ispaniýa) |
| Bornmut (Bornmut) | Dean Court — 12 357 | Marko Rouz (Germaniýa) |
| Brentford (London) | Brentford Community Stadium — 17 250 | Keit Andrýuws (Irlandiýa) |
| Braýton end How Albion (Braýton end How) | Falmer Stadium — 31 876 | Fabian Hürzeler (Germaniýa) |
| Çelsi (London) | Stamford Bridge — 40 044 | Habi Alonso (Ispaniýa) |
| Kowentri Siti (Kowentri) | Coventry Building Society Arena — 32 609 | Frank Lampard |
| Kristal Palas (London) | Selhurst Park — 25 194 | Pier Saž (Fransiýa) |
| Ewerton (Liwerpul) | Hill Dickinson Stadium — 52 769 | Dewid Moýes (Şotlandiýa) |
| Fulham (London) | Craven Cottage — 27 782 | Alwaro Arbeloa (Ispaniýa) |
| Hall Siti (Kingston apon Hall) | MKM Stadium — 24 620 | Sergeý Ýakirowiç (Bosniýa) |
| Ipswiç Tawn (Ipswiç) | Portman Road — 30 056 | Gari O'Nil |
| Lids Ýunaýted (Lids) | Elland Road — 37 645 | Daniel Farke (Germaniýa) |
| Liwerpul (Liwerpul) | Anfield — 61 276 | Andoni Iraola (Ispaniýa) |
| Mançester Siti (Mançester) | City of Manchester Stadium — 61 038 | Enzo Mareska (Italiýa) |
| Mançester Ýunaýted (Mançester) | Old Trafford — 74 500 | Maýkl Kerrik |
| Nýukasl Ýunaýted (Nýukasl apon Taýn) | St James' Park — 52 264 | Mattias Ýaissle (Germaniýa) |
| Nottingam Forest (West Brijford) | City Ground — 31 212 | Oliwer Glasner (Awstriýa) |
| Sanderland (Sanderland) | Stadium of Light — 48 095 | Režis Le Bri (Fransiýa) |
| Tottenham Hotspur (London) | Tottenham Hotspur Stadium — 62 850 | Roberto De Zerbi (Italiýa) |



Sahypany taýýarlan Hajymyrat SÖÝÜNOW.

# «SERIE A»-nyň 95-nji MÖWSÜMINE BADALGA BERLER



**Ertir Ýewropanyň öňdebaryjy ligalarynyň biri bolan Italiýanyň «Serie A» çempionatynyň täze 95-nji möwsümine badalga berler. «Inter», «Milan», «Ýuwentus» klublary çempionlygyň esasy dalaşgäri hasaplanýar. «Napoli», «Roma», «Komo» toparlary-da öňdäki orunlar ugrunda göreşjek beýleki toparlar hasaplanýar.**

Geçen möwsümdäkiden tapawutlylykda, 9 topar täze tälimçi bilen möwsüme başlar. Taryhynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna gatnaşýan «Komo» toparynyň çempionatda nähili başarnyk görkezjekdigi belli däl. Sebäbi ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna, onda-da Çempionlar Ligasyna gatnaşýan toparlaryň köpüsine 2 ýerde bäsleşigi dowam etdirmek ýeňil düşmeýär. Ýewropa futbolynyň taryhyna seredenimizde, ençeme mysala duş gelmek bolýar.

Soňky ýyllarda ozalky abraýyndan daşlaşmagyny dowam etdirýän çempionatda 20 toparyň 5-sinden galanynyň tälimçisi ýerli hünärmenlerdir. «Serie A»-da şu möwsümde portugaliýaly, ispaniýaly, germaniýaly, rumyniýaly, horwatiýaly 1 hünärmen toparlara tälim berer.

«Wenesiýa» 1, «Frozinone» 2 hem-de «Monza» 1 ýyldan soň «Serie A» dolandy. Olar täze möwsümde-de ligada galmak üçin göreşerler.



● **INTER.** Transfer möwsümine o diýen işjeň gatnaşmaýan soňky çempion esasy gorag tarapyny çalyşdy. Derwezeçi Ýan Sommeri, Darmiany, De Wreýi, Açerbini, Dumfrisi ugradan topar olaryň ornuna derwezeçi Prowedel, Stounz, Spens ýaly oýunçylary aldy. Kristian Kiwunyň tälimçiliginde esasy maksat çempionlygy gorap, şol bir wagtyň özünde-de Çempionlar Ligasynyň kubogyny gazanmak bolar. «Inter» soňky 4 ýylda 2 gezek Çempionlar Ligasynyň finalyna çykyp, ýeňlişe sezewar bolupdy.

● **ÝUWENTUS.** Tejribeli tälimçi Luçano Spalletti bilen ýoluny dowam etdirýän turinlilere 6 möwsümden bäri çempionlyk gazanmak başardanok. Wlahowiçi, Opendany topardan ugradan «Ýuwentus» Zeki Çelik, Wikario, Kerim Alaýbegowiç, täzeden Kolo Muani, Jon Lukumi ýaly futbolçylary düzümine goşdy. Hüjümde ep-esli ýyldyzy bolan «Ýuwentusyň» janköýerleri Kenan Ýyldyz, Konseisau, Lokatelli, Gatti ýaly oýunçylaryna bil baglaýar. Toparyň iň esasy maksady ýatdan çykyp barýan çempionlyga ýetmek, şol sanda hem Ýewropa Ligasyny gazanmak bolar.




● **MILAN.** Geçen möwsümi şowsuz tamamlap, Çempionlar Ligasynyň daşynda galan we Ýewropa Ligasyna gatnaşýan «Milana» portugaliýaly Ruben Amorim tälim berer. Gonsalu Ramuşy, Mario Hilany transfer eden «Milandan» birnäçe oýunçynyň gitmegine garaşylýar. Topar täze tälimçisine bil baglap, çempionlyk ugrunda ýiti göreş alyp barmagy maksat edinýär. Şol bir wagtyň özünde-de «Milan» Ýewropa Ligasynda çempionlygyň iň esasy dalaşgärleriniň biri hasaplanýar.

● **BEÝLEKILER.** Geçen möwsümi Konteniň tälimçiliginde 2-nji orunda tamamlan «Napoli» toparyna Massimiliano Allegri tälim berer. «Napoliniň» hem ady çempionlyk ugrunda agzalýar. Paýtagtyň wekili «Roma» topary-da Jan Piero Gasperiniň tälimçiliginde 2-nji möwsümine başlar. «Lasio» toparynda käbir meseleler ýüze çykyp, toparyň janköýerleri bilen ýolbaşçylarynyň arasynda düşünişmezlik dowam edýär. Domeniko Tedeskany tälimçilige bellän «Bolonýa» toparynyň hem ýokarky orunlar ugrunda göreş alyp barmagyna garaşylýar. «Komo» toparyna-da 2 ýaryşda bäsleşmek agyr gelmese, Fabregasyň şägirtleri ýene-de geçen möwsümdäki başarnygyny gaýtalap biler.

### ÄHLI MÖWSÜME GATNAŞAN ÝEKE-TÄK TOPAR – «INTER»

● Italiýanyň çempionaty «Serie A»-nyň 95 ýyllyk taryhynda 68 klub çykyş edip, diňe «Inter» ähli möwsümde oýnady. «Ýuwentus» bilen «Roma» 94, «Milan» 93 möwsüm «Serie A»-da çykyş etdi. Çempion bolan klublaryň sany 16-a deňdir. «Ýuwentusyň» 36, «Interiň» 21, «Milanyň» 19 çempionlygy bolup, olar öňdeligi saklap gelýär. «Jenoa» 9, «Torino», «Bolonýa», häzirki wagtda «Serie C»-de çykyş edýän «Pro Werçelli» 7, «Napoli» 4, «Roma» 3, «Lasio» bilen «Fiorentina» 2 gezek çempion bolmagy başardy. «Kaliariniň», häzirki wagtda 6-njy ligada çykyş edýän «Kazale» bilen «Nowezeniň», geçen möwsüm aşaky liga düşen «Weronanyň» hem-de 2023-nji ýyldan bäri «Serie B»-de oýnaýan «Sampdoriýanyň» 1 çempionlygy bar.



Italiýada 1929-njy ýylda esaslandyrylan çempionat «Serie A»-dan öň dürli atlar bilen geçirilýärdi. «Jenoa» ilkinji 3 möwsümiň çempiony bolup, genueliler ähli çempionlyklaryny «Serie A»-dan öň gazanýar.

### BUFFON IŇ KÖP DUŞUŞYK, PIOLA IŇ KÖP GOL GEÇIREN OÝUNÇY

● «Serie A»-da iň köp duşuşyk geçiren oýunçy meşhur derwezeçi Janluiji Buffon bolup, ol 657 oýunda meýdança çykdy. Paolo Maldininiň 647, Françesko Tottiniň 619, argentinaly Hawier Zanettiniň 615 duşuşygy bar. Iň köp gol geçiren futbolçy Silwio Piola bolup, 1929-1954-nji ýyllar aralygynda çykyş eden italýan hüjümçisi 274 gezek tapawutlandy. Karýerasyny «Romada» geçiren Totti 250 goly öz adyna ýazdyrdy. Şwesiýaly Gunnar Nodal 225, irki ýyllaryň ýyldyzy Juzeppe Meazza bilen asly braziliýaly, Italiýanyň raýaty Žoze Altafini 216, Antonio Di Natale 209, Roberto Bajjo 205, Çiro Immobile 201 gol geçirdi. Buffon 10 çempionlyk bilen «Serie A»-da iň köp çempion bolan oýunçydyr.

| KLUBLAR | STADIONY – TOMAŞAÇY | TÄLIMÇISI |
|---|---|---|
| Atalanta (Bergamo) | New Balance Arena — 23 439 | Maurisio Sarri |
| Bolonýa (Bolonýa) | Stadio Renato Dall'Ara — 38 279 | Domeniko Tedesko |
| Kaliari (Kaliari) | Unipol Domus — 16 416 | Fabio Pizakane |
| Komo (Komo) | Stadio Giuseppe Sinigaglia — 13 602 | Sesk Fabregas (Ispaniýa) |
| Fiorentina (Florensiýa) | Stadio Artemio Franchi — 43 118 | Fabio Grosso |
| Frozinone (Frozinone) | Stadio Benito Stirpe — 16 227 | Massimiliano Alwini |
| Jenoa (Genue) | Stadio Luigi Ferraris — 33 205 | Daniele De Rossi |
| Inter (Milan) | San Siro — 75 710 | Kristian Kiwu (Rumyniýa) |
| Ýuwentus (Turin) | Allianz Stadium — 41 507 | Luçano Spalletti |
| Lasio (Rim) | Stadio Olimpico — 70 634 | Jennaro Gattuzo |
| Leçce (Leçce) | Stadio Via del Mare-Ettore Giardiniero — 30 354 | Eýsebio Di Françesko |
| Milan (Milan) | San Siro — 75 710 | Ruben Amorim (Portugaliýa) |
| Monza (Monza) | Stadio Brianteo — 17 102 | Iwan Ýuriç (Horwatiýa) |
| Napoli (Neapol) | Stadio Diego Armando Maradona — 54 732 | Massimiliano Allegri |
| Parma (Parma) | Stadio Ennio Tardini — 22 352 | Karlos Kuestra |
| Roma (Rim) | Stadio Olimpico — 70 634 | Jan Piero Gasperini |
| Sassuolo (Sassuolo) | Mapei Stadium – Citta del Tricolore — 21 515 | Alberto Akilani |
| Torino (Turin) | Stadio Olimpico Grande Torino — 28 177 | Ignasio Abate |
| Udineze (Udine) | Bluenergy Stadium — 25 132 | Kosta Runýaiç (Germaniýa) |
| Wenesiýa (Wenesiýa) | Stadio Pier Luigi Penzo — 12 048 | Jowanni Stroppa |

# TRANSFER TÄZELIKLERI

### Rodri «Barselona» geçdi

● Ispaniýanyň «Barselona» topary ahyry arzuwyna ýetdi. Katalonlar «Mançester Sitiniň» ispaniýaly ýyldyzy Rodrini (doly ady Rodrigo Hernandes Kaskante) düzümine goşdy. «Barselona» topary 30 ýaşyndaky ýarymgoragçynyň transferi üçin iňlis klubuna 60+15 million ýewro berer. Rodri «Barselona» bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Ol katalonlaryň düzüminde 16-njy belgili köýnekçäni geýer.




2014-nji ýylda «Wilýarrealyň» ýaşlar düzüminde futbola başlan Rodri 3 möwsüm «Wilýarreal» toparynda oýnady. 1 möwsüm «Atletiko Madridiň» köýnekçesini geýip, 2019-njy ýylyň tomsunda «Mançester Siti» toparyna transfer boldy. Bu klubda 8 möwsüm çykyş eden Rodri 298 duşuşykda 28 gezek tapawutlandy. Ol şäherlileriň düzüminde 13 kubok gazandy.

Ispaniýanyň milli ýygyndysynda şu wagta çenli 70 gezek meýdança çykan Rodri 2023-nji ýylda UEFA Milletler Ligasynda, 2024-nji ýylda Ýewropa çempionatynda hem-de şu ýyl Dünýä Kubogynda çempionlyga mynasyp boldy. 2024-nji ýylda «Altyn top» baýragyny gazanan Rodri şu Dünýä Kubogynyň iň ökde oýunçysy diýlip saýlandy. Rodrini «Real Madrid» hem transfer etmek isläpdi. «Mançester Siti» topary «Barselonanyň» başdaky tekliplerinden ýüz öwrüpdi.

### Torres PSŽ-de

● Fransiýanyň PSŽ topary «Barselonanyň» ýyldyzy Ferran Torresi 50 million ýewro transfer etdi. 26 ýaşyndaky oýunçy parižliler bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. Dünýä Kubogynyň finalynda ispanlara çempionlyk getiren goly geçiren Ferran Torres «Barselonada» 5 möwsümde 207 oýunda 65 gezek tapawutlandy. Ol «Barselonadan» öň «Mançester Sitide» 1,5 möwsüm çykyş edipdi. Karýerasyna «Walensiýada» başlan Torres bu toparda 97 duşuşykda 9 goly tora girizipdi. Torres Ispaniýanyň milli ýygyndysy bilenem 65 gezek meýdança çykyp, şol oýunlarda 25 gol geçirdi. Torres PSŽ-de 9-njy belgili köýnekçäni geýer.




Şeýle-de, parižliler «Aýaksdan» belgiýaly winger Mika Godtsy 45+10 million ýewro berip, düzümine goşdy. 21 ýaşyndaky oýunçy PSŽ bilen 5 ýyla niýetlenen geleşige gol çekişdi. Mika Godts «Aýaksda» 5 möwsüm çykyş edip, 115 duşuşykda 26 pökgini tora girizdi.

● «Mançester Siti» toparynyň niderland ýarymgoragçysy Tijjani Reýnders karýerasyny Saud Arabystanynda dowam eder. Ol «Al-Kadsiýa» toparynyň düzümine goşulyp, Hobar şäheriniň kluby bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Arap kluby 28 ýaşyndaky oýunçynyň transferi üçin iňlislere 61 million ýewro berer. Geçen tomusda «Milandan» «Mançester Siti» toparyna geçen Reýnders şäherlileriň düzüminde 47 oýunda 7 gol geçirdi. «Milanda» 2 möwsüm oýnan Reýnders ondan öň AZ hem-de «RKS Waalwiýk» toparlarynyň köýnekçesini geýipdi.



● Italiýanyň «Inter» topary «Tottenhamdan» angliýaly goragçy Džed Spens bilen düzümini güýçlendirdi. Dünýä Kubogynda erjel oýun görkezen 26 ýaşyndaky oýunçy üçin «Inter» topary «Tottenham» klubuna ähli tölegleri goşanyňda 35 million ýewro berer. Džed Spens täze topary bilen 5 ýyllyk şertnama baglaşdy. «Inter» topary Spensden öňem angliýaly goragçy Jon Stounzy erkin agent ýagdaýda düzümine goşupdy.



● «Serie A»-nyň başga bir topary «Ýuwentus» hem «Tottenhamdan» başga bir oýunçyny, italiýaly derwezeçi Gulielmo Wikariony transfer etdi. Italýan kluby 29 ýaşyndaky derwezeçi bilen 1 ýyllyk kärendesine şertnama baglaşdy. «Ýuwentus» topary Wikarionyň kärende tölegi hökmünde «Tottenham» toparyna 8+2 million ýewro tölär. Wikario mundan öň «Empoli», «Wenesiýa», «Kaliari» hem-de «Peruja» toparlarynda oýnapdy. Ol «Tottenhamda» 3 möwsümde 117 gezek londonlylaryň derwezesini gorady. «Ýuwentus» topary möwsümiň ahyrynda Wikariony ymykly ýagdaýda hem düzümine goşup biler.




● Angliýanyň «Aston Willa» topary «Atletiko Madridden» italiýaly çep gyraky goragçy Matteo Ruggerini hem-de «Parmadan» ýaponiýaly derwezeçi Zion Suzukini transfer etdi. «Aston Willa» topary 24 ýaşyndaky Ruggeri üçin 20, 23 ýaşyndaky Suzuki üçinem 35 million ýewrony olaryň öňki toparlaryna berer. Ruggeri bilen 4, Suzuki bilenem 5 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Ruggeri «Atalantada» futbola başlap, ol 1 möwsüm «Salernitanada» kärendesine oýnapdy. Italiýaly futbolçy geçen tomusda «Atletiko Madride» geçipdi. Suzuki karýerasyna ýurdunyň «Urawa Red Daýmonds» toparynda başlapdy we «Parmadan» öň Belgiýanyň «Sint-Truiden» toparynda kärendesine çykyş edipdi. Ol «Parmada» 2 möwsümde 59 duşuşyk geçirdi.







# Milli ýygyndylaryň täze tälimçileri

### 48 ýyldan soň ilkinji daşary ýurtly tälimçi

● Dünýä Kubogyny şowsuz tamamlan Niderlandlaryň ýygyndysynda tälimçi Ronald Kuman wezipesini taşlapdy. Niderlandlaryň futbol federasiýasy golaýda milli toparyň täze tälimçisini mälim etdi. Ispaniýaly Hawi Hernandes Niderlandlaryň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi diýlip bellendi. 46 ýaşyndaky tälimçi bilen 4 ýyllyk şertnama baglaşyldy. Hawi Niderlandlaryň ýygyndysyna 1978-nji ýyldan bäri tälim berjek ilkinji daşary ýurtly hünärmen bolar. Pyrtykal reňklileri soňky gezek daşary ýurtly hünärmenlerden awstriýaly meşhur tälimçi Ernst Happel türgenleşdiripdi. Niderlandlar onuň tälimçiliginde Dünýä Kubogynda finala çykypdy. Hawi Hernandes tälimçilik karýerasyna Kataryň «Al-Sadd» toparynda başlap, 2021–2024-nji ýyllar aralygynda «Barselonanyň» tälimçisi bolupdy. Ol hem «Al-Sadd» toparyny, hem-de «Barselonany» milli ligalarynda çempion edipdi.

### Bert Wogtsdan soň 2-nji legioner

● 28 ýyldan soň Dünýä Kubogyna gatnaşan Şotlandiýanyň milli ýygyndysynyň hem täze tälimçisi belli boldy. Şotlandiýanyň milli ýygyndysyna 7 ýyllap Siw Klark tälim berip gelýärdi. Ol çempionatdan soň wezipesini taşlapdy. 39 ýaşyndaky belgiýaly Sebastien Pokonioli Stiw Klarkyň ornuna toparyň tälimçiligine bellendi. Ol Şotlandiýanyň milli ýygyndysynyň taryhyndaky 2-nji daşary ýurtly tälimçi bolup, ondan öň germaniýaly Berti Wogts şotlandlary türgenleşdiripdi (2002–2004).

«Genk», AZ, «Standard Liež», «Hannower», «West Bromwiç», «Braýton», «Ýunion Sent-Žilluaz» ýaly klublarda futbol oýnan Pokonioli Belgiýanyň U18, «Ýunion Sent-Žilluaz», «Monako» toparlaryny türgenleşdirdi.

### Asly senegally fransiýaly tälimçi

● Afrikanyň öňdebaryjy ýygyndylaryndan Senegalda hem tälimçi çalyşdy. Dünýä Kubogynda 1/16 finalda Belgiýadan asgyn gelen Senegalyň milli toparynda Pape Tiaw wezipesinden gidipdi. Onuň ornuna fransiýaly Patrik Wieira Senegalyň milli ýygyndysynyň täze tälimçisi boldy. 50 ýaşyndaky Wieira 4 ýyllyk şertnama baglaşdy. Senegalyň paýtagty Dakarda dünýä inen Wieira futbolçylyk karýerasy boýunça Kann, «Milan», «Arsenal», «Ýuwentus», «Inter» hem-de «Mançester Siti» klublarynyň köýnekçelerini geýdi. Tälimçilige «Nýu Ýork Siti» toparynda başlan asly senegally hünärmen «Nissa», «Kristal Palas», «Strasbur», «Jenoa» ýaly klublary türgenleşdirdi.

### 2026-njy ýyldaky 3-nji milli ýygyndysy

● Dünýä Kubogyna wekilçilik edip, toparçadan çykan Afrikanyň başga bir wekili Kot-d'Iwuaryň hem ýygyndysynyň tälimçisi täzelendi. Ýagny ýerli hünärmen Emerse Faeniň ornuna fransiýaly Erw Renar Kot-d'Iwuaryň täze tälimçisi boldy. 57 ýaşyndaky Renar 2-nji gezek bu wezipä bellenip, ol 2014–15-nji ýyllarda-da Kot-d'Iwuaryň milli toparyny türgenleşdiripdi. Kot-d'Iwuaryň ýygyndysy Erw Renaryň 2026-njy ýyldaky türgenleşdirjek 3-nji milli topary bolar. Ol 2024-nji ýylyň oktýabryndan şu ýylyň apreline çenli Saud Arabystanynyň milli ýygyndysynyň tälimçisi bolupdy. Soňra Dünýä Kubogynyň geçirilýän döwründe 1-nji oýunda uly hasap bilen utulan Tunisiň milli ýygyndysynda wezipesinden boşadylan Sabri Lamuşiniň ornuna geçdi. Çempionat tamamlanandan soňam Tunisdäki wezipesini taşlan Renar häzirki ýerine bellendi.

Tälimçilik karýerasyna 2004-nji ýylda «Kembrij Ýunaýtedde» başlan Erw Renar Fransiýada «Şerbur» klubuny, soňra Zambiýanyň, Angolanyň ýygyndylaryny, Alžiriň «USM Alžer» toparyny, Fransiýada «Soşo» klubuny, Kot-d'Iwuaryň ýygyndysyny, ýene Fransiýada «Lill», «Monako» klublaryny, Marokkonyň, Saud Arabystanynyň, Fransiýanyň zenanlar ýygyndylaryny, täzeden Saud Arabystanynyň, Tunisiň milli toparlaryny türgenleşdirdi.

Ol 2012-nji ýylda Zambiýany, 2015-nji ýylda-da Kot-d'Iwuary Afrikanyň çempiony edipdi.



# «Seltik» bilen «Bude-Glimt» bir ädim öňde

**UEFA Çempionlar Ligasynda pleý-off tapgyrynyň 1-nji duşuşyklary geçirildi.**

«Seltik» öz meýdançasynda Awstriýanyň çempiony LASK toparyndan Erik Nigreniň hem-de Kamilo Duranyň (2) gollary esasynda 3–0 hasabynda üstün çykdy. Norwegiýanyň wise-çempiony «Bude-Glimt» myhmançylykda Niderlandlaryň «NEK Niýmegen» toparyny 3–1 hasabynda ýeňip, final tapgyryna gatnaşmaga golaýlaşdy. Ysraýylyň çempiony «Hapoel Be'er Şewa» Wengriýada Azerbaýjanyň çempiony «Sabah» toparyny 2–1 hasabynda ýeňdi (Ist 43, Zlatanowiç 79 — Simiç 6). «Fenerbahçe» bilen «Lion» Stambulda duşuşyp, oýun 1–1 hasabynda deňlikde tamamlandy (Grinwud 47 — Openda 40). Slowakiýa bilen Sloweniýanyň çempionlary «Slowan Bratislawa» bilen «Selýe» toparlarynyň arasyndaky oýun hem 1-1 hasabynda deňlikde tamamlandy. (Çerepkai 15 — Awdili 41). «Dinamo Zagreb» bilen Norwegiýanyň çempiony «Wikingiň» arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolmady (Belýo 6, Lisika 10 — Kristiansen 26, Tripiç 39). Bolgariýada paýtagt Sofiýanyň «Lewski» topary bilen Gresiýanyň paýtagty Afinynyň AEK toparynyň arasyndaky oýunda bolsa hasap açylmady.

Jogap oýunlary 25–26-njy awgustda oýnalar. 27-nji awgustda bolsa Çempionlar Ligasynyň liga tapgyrynda haýsy toparlaryň haýsy toparlar bilen duşuşyk geçirjekdiginiň bijeleri çekiler.

**Pleý-off tapgyrynyň 1-nji oýunlarynyň netijeleri:** Lewski Sofiýa – AEK Afiny: 0-0, Seltik – LASK: 3-0, Dinamo Zagreb – Wiking: 2-2, Slowan Bratislawa – Selýe: 1-1, Hapoel Be'er Şewa – Sabah: 2-1, Fenerbahçe – Lion: 1-1, NEK Niýmegen – Bude-Glimt: 1-3

